# GYSGAÇA YKDYSADY SÖZLÜK

A

**Abstrakt zähmet** – munuň özi umuman zähmetdir, özüniň anyk görnüşinde, garaşsyzlykda işçi güýjüniň sarp edilmesidir. Abstrakt zähmet harydyň gymmatyny döredýär we onuň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Haryt öndürijileriň zähmeti anyk zähmet hökmünde birmeňzeş däldir. Emma olaryň zähmeti abstrakt zähmet hökmünde birmeňzeş jemgyýetçilik zähmetdir. Abstrakt zähmet gymmatyň esasy bolmak bilen, haryt öndürijileriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary aňladýan derejedir.

**Dolanyşyk (aýlanma) gazna** – bu öndürijileriň serişdeleriniň her bir zähmet hadysalarynda doly peýdalanylyp, özüniň gymmatyny täze önüme doly geçirýän we kärhana pul görnüşinde dolanyp gelýän bölegidir.

**Amortizasiýa** – bu esasy gaznalaryň könelmeginiň esasynda olaryň gymmatynyň ýuwaş-ýuwaşdan täze öndürilýän önümlere geçirilmegi we pul görnüşinde öweziniň doldurylmagydyr.

**Agent** – şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň taşbyrmagy boýunça onuň adyndan hem-de onuň hasabyna belli bir hereketleri amala aşyrýan, ýöne ylalaşyklar barada resminamalara gol çekmäge hukugy bolmadyk edara görnüşli ýa-da şahsy tarapdyr. Agentiň zähmeti üçin tölenýän töleg taraplaryň arasynda baglaşylan şertnama esasynda kesgitlenilýär.

**Awuarlar** – aktiwler (pul serişdeleri, çekler, wekseller, akkreditiwler) bolup, olar bilen pul görnüşindäki tölegler tölenilýär hem-de borçnamalar ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da, aktiwleriň bankda saklanylýan pul serişdelerini (goýum hasaplaryny, depozitleri) öz içine alýan tiz satylýan bölegidir. Awuarlar termini köplenç ýagdaýda daşary ýurt walýutasynda daşary ýurt banklarynda saklanylýan gymmatly kagyzlar, banklaryň serişdeleri babatynda ulanylýar. Haýsy-da bolsa bir ýurda degişli bolan bu serişdeleriň jemi şol ýurduň daşary ýurt awuarlary diýlip atlandyrylýar.

**Ahyrky önüm** – bu sarp edijileriň ýa-da alyjylaryň birnäçe gezek satmak üçin däl-de, diňe ahyrky gezek ulanmak üçin alýan harytlarydyr.

**Awizo** – bank, söwda, buhgalteriýa işlerinde resmi ýagdaýda habar bermeklik, köplenç halatda hasaplaşyk amallarynyň ýerine ýetirilişi barada bir bank tarapdan beýleki banka iberilýän habar. Banklar hasaplar boýunça debet we kredit ýazgylary barada, hasapdaky serişdeleriň galyndysy, beýleki hasaplaşyk amallary (pul geçirimini tölemek, akkreditiw açmak, çek we beýleki töleg resminamalaryny talap etmek we ş.m.-ler) barada öz habarçylaryna hem-de müşderilerine awizo iberýärler. Awizoda adatça onuň belgisi, amala aşyrylýan amalyň senesi we häsiýeti, jemi pul möçberi, hasabyň ýazgysy, töleýäniň we alýanyň ady hem-de beýleki maglumatlar görkezilýär.

**Awista** – wekseliň ýa-da pul hasaplaşyklarynyň haýsydyr bir beýleki resminamalarynyň ýüzüne ýazylan ýazgy. Ol bu resminama boýunça tölegiň görkezme esasynda ýa-da görkezilen günden beýläk belli bir möhletiň geçmegi esasynda tölenmelidigini kepillendirýär.

**Akkreditiw** – 1. Pul baradaky resminama bolup, ol adyna berlen adamyň karz edarasyndan (bankdan) görkezilen puly almaga bolan hukugyny tassyklaýar. 2. Bank

hasaplarynyň görnüşleriniň biri. Hojalyk işinde kärhanalaryň we guramalaryň arasynda nesýe görnüşinde hasaplaşmalaryň görnüşi hökmünde, şeýle hem söwda amallary boýunça halkara hasaplaşyklarynda ulanylýar.

**Aktiw** – bu buhgalteriýa balansynyň, şol kärhana ýa-da gurama degişli bolan maddy gymmatlyklaryň hemmesini olaryň düzümi we ýerleşişi nukdaýnazaryndan pul görnüşinde aňladylyşyny beýan edýän çep tarapy (pul serişdeleri, beýleki kärhanalara bildirilýän bergi talapnamalary we ş.m.-ler).

**Aksept** – 1. Beýleki tarapyň teklibinde görkezilen şertlerde şertnama baglaşmaga razylaşmak; 2. Iberilýän resminamada görkezilen puly tölemegi kepillendirmäge bankyň razylyk bermegi. 3. Hojalyk kärhanalarynyň, guramalaryň arasynda geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleriniň biri.

**Arbitraž** - kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklaryny ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini goramak maksady bilen özüniň garamagyndaky hojalyk jedellerini çözýän gurama. Döwlet arbitažynyň kararlary (çözgütleri) kabul edilenden soňra haýal etmän güýje girýär we ähli kärhanalar, edaralar, guramalar, ministrlikler tarapyndan hökmany suratda ýerine ýetirilmeli bolup durýar.

**Auksion** – käbir harytlary aýry-aýry tapgyrlar bilen öňünden anyklanan wagtda hem-de bellenilen ýerde köpçülikleýin söwda etmek arkaly satmak usuly. Halkara söwdasynda has giňden ýaýran. Harytlary satmagyň umumy şertleri satyjy tarapyndan kesgitlenilýär. Auksiounyň gidişinde iň ýokary bahany teklip eden adam harytlaryň tapgyryny satyn alyjy hasaplanylýar.

**Aweraž** – birža oýnunyň strategiýasy bolup, yzygiderli, kesgitli wagt aralygynda hümmetiniň üýtgemegine görä belli bir paýnamany satyn almak ýa-da satmak. Bu ýagdaýda müşderä belli bir ýeňillikler berilýär.

**Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti** – erkin giň jemgyýet bolup, paýnamalar meýletinlik bilen satylýar we satyn alynýar; muňa islän adam gatnaşyp bilýär. Paýdarlaryň umumy ýygnagynda her paýdaryň umumy paýnamasynyň möçberine degişlilikde ses bermäge hukugy bar.

**Adaty paýnama** – diwidendiň ululygy öňünden belli edilmedik paýnama; diwidendiň ululygy, aýratyn hukukly paýnamalaryň eýelerine belli edilen göterimi tölenilenden soň, paýdarlaryň umumy ýyganygynyň karary bilen kesgitlenilýär.

**Atlandyrylan paýnama** – eýesiniň ady, familiýasy görkezýän paýnama. Ol erkin abuna ýazylmak tertibi esasynda ýaýradylýar. Ol ýönekeý we aýratyn hukukly bolýar.

**Aýratyn hukukly paýnama** – bu paýnamanyň diwidendi durnukly göterim görnüşinde kesgitlenilýär; diwidend göterimi firmanyň (kompaniýanyň) alan peýdasynyň möçberine garamazdan, ilkinji nobatda tölenilýär. Bu paýnama ses bermäge hukuksyz, ýagny onuň eýesi firmany (kompaniýany) dolandyrmaga gatnaşymaýar.

**Artykmaç işlenen iş wagty** – Türkmenistanyň Zähmet kodeksi esasynda kesgitli iş wagtynyň dowamyndan daşary işlenen wagtlar girýär (smenadan daşary, dynç ýa-da baýramçylyk günleri işlenen wagt).

**Awers** – şaýy puluň ýa-da medalyň ýüz tarapy.

**Ažiotaž** – bazar howsalasy, ol konýunkturanyň, isleg we teklibiň, harytlaryň bahasynyň, gymmat bahaly kagyzlaryň hümmetiniň, daşary ýurt pulunyň hümmetiniň duýdansyz üýtgemegi netijesinde emele gelýär. Çalt we uly möçberdäki peýdanyň emele gelmegine, şeýle hem uly zyýan çekmelere getirýär.

**Akkomodasion syýasat** – ykdysady syýasat bolup, ykdysadyýetdäki sarsgynlaryň netijelerini bir kada getirilmegine, ykdysady taýdan çagşamaklygynyň gowşadylmagyna gönükdirilen syýasat.

**Akkord salgytlary** – döwlet tarapyndan goýulýan salgytlar bolup, olar girdejiniň we satyn almaklygyň möçberine bagly bolmaýar.

**Açyk hasap** – iberilen haryt üçin satyjy we satyn alyjynyň arasyndaky hasaplaşygyň görnüşi. Haryt satyn alyja soňundan belli bir möhletde tölemek şerti bilen iberilýär. Harydyň bahasy satyjy tarapyndan satyn alyjynyň debet hasabyna geçirilýär. Tölegler haryt iberilenden soň 1-3 aýyň dowamynda aýry-aýry haryt toplumlary boýunça ýa-da kesgitlenen möhletde geçirilýär. Satyn alyjy tölemeli pul möçberini kesgitlenen möhletde geçirmek bilen bergisini üzýär. Harydyň iberilmeli möhleti we geçirilmeli tölegiň möhleti gysga bolan ýagdaýynda (1 aýa çenli) geleşik nagt görnüşinde amala aşyrylýar, has uzak möhletde bolsa, karzyň bir görnüşi bolýar.

**Abandon** – ätiýaçlandyrylan tarapyň ätiýaçlandyryjynyň peýdasyna ätiýaçlandyrylan emläge bolan hukugyny ret etmegi we ätiýaçlyk pul möçberini doly almagy.

**Awtarkiýa** – ykdysady syýasat bolup, ýurduň ykdysadyýetiniň beýleki ýurtlara garanyňda aýratyn häsiýetli (aýry) bolmagyna gönükdirilendir. Esasy serişdeler hökmünde getirilýän harytlara ýokary çäklendirilen gümrük paçlarynyň goýulmagyny, sarp ediş harytlaryna bahalaryň ýokarlandyrylmagyny we ş.m.-ler göz öňünde tutýar.

**Atly çek** – belli bir şahsyň adyna berlen, başgalara geçirmek bolmaýan çek.

**Audit** – ýokary derejeli hünärmenler, düzgün bolşy ýaly, garaşsyz gulluklar (auditorçylyk gulluklary, auditorlar) tarapyndan kärhanalaryň, guramalaryň, firmalaryň, paýdarlar jemgyýetleriniň maliýe-hojalyk işine maliýe seljermesiniň berilmegi, buhgalterçilik gözegçiligi we derňelmegi. Auditiň baş maksady – kärhananyň maliýe ýagdaýyna seljerme geçirmek we olary gowulandyrmak boýunça maslahatlaryň işlenip taýýarlanmagy bolup durýar.

**B**

**Balans -** haýsydyr bir hadysanyň aýry-aýry taraplaryny deňeşdirmek we biri-birine gapma-garşy goýmak ýoly bilen ony häsiýetlendirýän görkezjileriň ulgamy. Jemgyýetçilik önümçiligiň seljermesindäki orny boýunça ykdysady hem-de tehnologiki balanslar tapawutlandyrylýar. Ykdysady balanslar predmetleriň we hadysalaryň jemini pul bilen aňladylmagynda beýan edýärler hem-de jemlenen balanslaryň (halk hojalyk, söwda, töleg balansy) we buhgalteriýa balanslaryň (ministrlikler, kärhanalar, banklar we beýlekiler) ulgamyna bölünýärler. Tehnologiki balanslar önümçiligi we önümleriň anyk görnüşleriniň sarp edilişini baglaşdyrmak üçin işlenip düzülýär.

**Bank -** pul serişdelerini we toplanan maýalary ýygnaýan, karzyna pul (karz) berýän, pul hasaplaşyklaryny, pullary, gymmatly kagyzlary (banknotlary, çekleri)

dolanyşyga göýbermegi we beýlekileri amala aşyrýan aýratyn ykdysady institut. Bank haryt-pul gatnaşyklarynyň esasynda döreýär we dürli jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalar mahalynda dowam edýär. Bankyň wezipesi pul serişdelerini ýygnamakdan we müşderilere karz pul bermekdäki düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmekden, pul dolanyşygyny guramakdan, hojalyk hasaplaşyklaryny we döwlet tarapyndan pul-karz syýasatynyň gözegçiligini amala aşyrmakdan ybaratdyr.

**Bank amallary** – banklaryň pul serişdelerini çekmek hem-de olary ýerleşdirmek, dolanyşyga pul goýbermek we ony dolanyşykdan aýyrmak, hasaplaşyklary amala aşyrmak we beýlekiler boýunça amallary ýerine ýetirmegini öz içine alýar. Türkmenistanyň banklarynyň amallary kärhanalaryň, guramalaryň önümçilik gaznalarynyň hereket etmegine, döwlet býujetiniň serişdeleriniň emele gelmegine we paýlanylmagyna, ilata hyzmatlaryň edilmegine ýardam edýär. Bank amallarynyň esasy görnüşleri emission-kassa amallaryndan, nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmakdan, karz bermekden, düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmekden, döwlet býujetini ýerine ýetirmekden, halkara walýuta-karz gatnaşyklaryny ýola goýmakdan, ilata hyzmat etmek boýunça amallary ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

**Bank ulgamy** – bir maliýe-karz mehanizminiň çäklerinde hereket edýän özara baglanyşykly banklaryň we beýleki karz edaralarynyň dürli görnüşleriniň köplügi. Iki derejeli bank ulgamy mahalynda birinji derejede Merkezi bank, ikinji derejede bolsa täjirçilik banklarynyň we beýleki hasaplaşyk-karz edaralarynyň ulgamy durýar.

**Banknotlar –** bank biletleri; Merkezi bank tarapyndan dolanyşyga goýberilýän pul belgileri. Türkmenistanyň Merkezi banky 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan täze banknotlary dolanyşyga goýberdi.

**Bank göterimi –** bu karz serişdelerine goýlan baha. Ykdysady taýdan ösen ýurtlarda göterimleriň derejesi karza pes goýulýar. Esasy bank göterimleri banklaryň karz berýän serişdeleriniň özüne düşýän gymmatyna we Merkezi bankyň göterimlerine bagly bolup durýar. Türkmenistanda ilatyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ipoteka, oba ýerlerinde ýaşaýyş jaý gurluşygy, telekeçiligi ösdürmek üçin berilýän karzlara göterimleriň derejesi pes derejede goýlandyr.

**Batmaklyk (bankrot bolmaklyk)** – kärhanalaryň dürli görnüşleriniň, banklaryň we beýleki guramalaryň emläk taýdan tozmagy; bergidaryň özüniň bergi borçlaryny bermäge kazyýet tarapyndan anyklanan ukypsyzlygy. Batmaklyk maýanyň (kapitalyň) merkezleşmegi, bäsdeşlik, ykdysady krizisler bilen şertlendirilendir. Batmaklyk resmi taýdan yglan edilen gününden başlap, bergidar öz emlägini özbaşdak dolandyrmak we oňa ygtyýarlyk etmek hukugyny ýitirýär. Emläk ýörite bellenilýän tarapa geçýär. Karz berijiniň ähli nägilelikleri kärhana batan pursatyndan başlap şol tarapa bildirilýär we bäsleşik tertibinde, ýagny bu hadysany düzgünleşdirýän kanunlara laýyklykda kanagatlandyrylýar. Kärhanalaryň işini togtatmak Türkmenistanyň «Batmaklyk hakynda» we «Kärhanalar hakynda» kanunlary esasynda amala aşyrylýar.

**Barter geleşigi** – munuň özi üpjün edilýän (satyn alynýan) harytlaryň bahasynyň pul görnüşinde däl-de, eýsem haryt görnüşinde tölemeklik arkaly amala aşyrylmagy barada baglaşylýan eksport-import geleşigidir. Hususy haryt alyş-çalyşygy barter geleşiginiň iň gadymy hem-de ýönekeý görnüşidir, şonda eksport ediji import edijä bir wagtyň özünde import we eksport amallaryny geçirmäge rugsat

almak üçin ygtyýarly döwlet guramalaryna ýüz tutýar. Şeýle amallar üpjün edilýän hem-de satyn alynýan harytlaryň gymmatynyň deňligini göz öňünde tutýar we söwdalaşýanlaryň arasynda pul bilen hasaplaşygy ortadan aýyrýar. Döwlet guramalary tarapyndan gymmaty deň bolan harytlary satyn almak we satmak hakyndaky ylalaşyklar hem barter geleşigine degişlidir. Ýagny, barter bu harytlaryň puluň aradan aýrylmagy bilen biri-birine çalşylmagydyr.

**Broker (araçy)** – şahsy ýa-da edara görnüşli tarap, birža işgäri, bazaryň gatnaşyjysy bolup, satyjy bilen satyn alyjynyň arasyndaky araçynyň işini ýerine ýetirýär. Broker geleşikleri baglaşýan tarap bolup, maddy gymmatlyklara eýeçilik edýär we baglaşylan geleşigiň amala aşyrylmagyna jogapkär bolýar. Öz işi üçin broker komission töleglerini, geleşikden gelýän göterim tölegini alýar.

**Biznes** – girdeji berýän ykdysady iş, girdeji ýa-da beýleki şahsy peýdalary getirýän işiň islendik görnüşi. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümleri ýa-da hyzmatlary öndürmek we ýerlemek arkaly peýda almak üçin subýektiň ykdysady işjeňligi.

**Biznesmen** – telekeçi, söwdagär, umuman ykdysady işjeňligiň haýsy hem bolsa bir görnüşi bilen meşgullanýan adam.

**Biznes meýilnama** – bu kärhananyň, telekeçiniň telekeçilik işine baha bermegidir. Şol bir wagtyň özünde telekeçiniň täjirçilik işiniň esasy ugurlarynyň ýazgysy we taslamasy bolup durýar. Şeýlelikde, biznes meýilnama täjirçiliik taslamasyny dolandyrmagyň esasy bolup hyzmat edýär.

**Birža** – guramaçylyk taýdan resmileşdirilen we yzygiderli işleýän bazar. Onda esasan nusgalar we ülňeler (standartlar) boýunça çig mal hem-de taýýar önümleriň lomaý söwda (haryt biržasy) ýa-da gymmatly kagyzlary satyn almak we satmak boýunça geleşikler (gazna (fond) biržasy) amala aşyrylýar. Ösen ýurtlarda uzak möhletleýin maýa goýumlaryň esasy bölegi gazna (fond) biržasynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Gazna (fond) biržasynyň üsti bilen senagatda, söwdada, oba hojalygynda maýa goýumlar üçin serişdeler toplanýar we maýanyň (kapitalyň) merkezleşdirilmegi amala aşyrylýar. Haryt biržasynda haryt deslap barlanmazdan bellenilen nusgalar we ülňeler (standartlar) boýunça satylýar we satyn alynýar. Haryt biržalary haryt dolanyşygynyň hereketinde möhüm orun tutýar, ýagny olar köp sanly satyjylara we satyn alyjylara hakyky (real) harydy satyn almak-satmak barada geleşikleri kepillendirmäge mümkinçilik berýärler hem-de degişli haryt bazarlarynyň nyrhlarynyň derejesine düýpli täsir edýärler. Zähmet biržasy bolsa, işçi güýjüniň bazarydyr.

**Biržadaky bum (gopgum, zenzele)** – bu gysga wagtlaýyn haryda bolan bahanyň birden ýokarlanmagy we aýry-aýry gymmatly kagyzlaryň bahasynyň ýokarlanmagy.

**Baýlyk** – bu maýanyň (kapitalyň), ýeriň, ýagny real emlägiň we kagyz aktiwleriň (gymmatly kagyzlaryň, pullaryň) uzak wagtlaýyn ulanylmagy.

**Bretton-Wuds walýuta ulgamy** – bu halkara walýuta ulgamy bolup, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1944-nji ýylda ABŞ-nyň Nýu-Gempşir ştatynyň Bretton-Wuds şäherinde geçirilen halkara walýuta-maliýe konferensiýasynda esaslandyryldy. 1945-nji ýylda Bretton-Wuds ylalaşygy 35 döwlet tarapyndan kabul edilip, täze dünýä walýuta ulgamynyň düzgünnamasy güýje girdi.

**Býujet** – ykdysady subýektiň belli bir wagt aralygy (adatça 1 ýyl) üçin girdejileriniň we çykdajylarynyň resmi güýje eýe bolan, ykrar edilen ýa-da kabul edilen ýazgysy, tablisasy, sanawnamasy. Býujet ykdysady serişdeleriň girdejisini we çykdajysyny deňleşdirmegiň, özara laýyk gelşini barlamagyň esasy guraly bolup durýar. Pul serişdeleri babatynda býujeti düzülýän ykdysady subýekte baglylykda býujetleriň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar: döwlet býujeti, sebitleýin, ýerli, maşgala (sarp ediş) býujetleri.

**Bufer ätiýaçlygy** – bu bazaryň durnuklylygyny, bahanyň belli bir derejesini saklamak üçin uly möçberde döredilýän haryt ätiýaçlyklarydyr. Bu ätiýaçlyk harydy çykaryjylar we satyjylar tarapyndan haryda islegiň üýtgemegi bilen bagly hadysalar üçin döredilýär.

**Býujet ýetmezçiligi** - bu býujetiň çykdajylarynyň girdejilerinden köp bolmagydyr. Býujet ýetmezçiligi şu aşakdaky ýagdaýlarda döreýär: ýkdysadyýetiň pese düşmegi, döwletiň maliýe ýagdaýyna gözegçiligiň pese düşmegi we beýleki ýagdaýlar (uruş we tebigy betbagtçylyklar). Býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmegiň ugurlary: içerki çeşmeler (kartlar, döwlet zaýomy, ýagny gymmatly kagyzlary dolanyşyga göýbermek); daşarky çeşmeler (gymmatly kagyzlary daşary ýurt walýutasynda dolanyşyga göýbermek, daşary ýurt kagyzlaryny almak).

**Býujetiň artykmaçlygy** – bu býujetiň girdejileriniň çykdajylardan köp bolmagydyr. Býujet artykmaçlygy şu aşakdakylara ulanylýar: döwlet emlägini satmakdan gelýän girdejileri azaltmak, serişdeleri goşmaça borçnamalary ýapmak üçin gönükdirmek, çykdajylary köpeltmek we beýlekiler.

**Bazar** – bu harytlary satmak we satyn almak boýunça emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Bazar ykdysady dereje hökmünde haryt we pul dolanyşygy gatnaşyklaryny aňladýar. Bazar gatnaşyklarynyň subýekti bolup harytlaryň we puluň eýeleri çykyş edýär.

**Baha** – bu harydyň gymmatynyň pul bilen ölçenilmegidir. Önümçilikde baha jemgyýetçilik zähmetiniň harçlanylyşyny we netijelerini hasaba almak hem-de deňeşdirip ölçemek bilen baglanyşykly hasaba almak, paýlamak we beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

**Bazis bahasy** – bu harydyň görnüşiniň ýa-da hilini kesgitlemek üçin satyn almak-satmak baradaky geleşiklerde taraplaryň arasynda ylalaşylýan we hakyky üpjün edilýän harydyň gutarnykly bahasyny kesgitlemekde başlangyç bolup durýan nyrhdyr. Bazis bahasyna goşmaçalar we ondan kemeldilmeler hemişelik birmeňzeş ululyklar bolman, eýsem olar bazaryň ýagdaýlaryna baglylykda üýtgäp durýarlar.

**Başlangyç baha** – auksionda satylmaga hödürlenilýän harydyň tapgyry üçin onuň eýesi tarapyndan bellenilýän iň arzan ýa-da iň ýokary baha. Başlangyç baha söwdanyň başynda auksionçy tarapyndan yglan edilýär.

**Bölek satuw bahasy** – harytlar ilata şol baha boýunça satylýar, şeýle hem olary bölek satuw ulgamyndan satyn alýan kärhanalara we guramalara şol bahadan satylýar. Halkyň sarp edýän harytlaryny satmaklyk we ähli görnüşlerdäki hyzmatlary etmeklik bölek satuw bahalary boýunça amala aşyrylýar.

**Bazar bahasy** – bazarda satylýan harytlaryň gymmatynyň pul aňlatmasy; hakyky baha bolup, harytlary satyn almak-satmak şol baha boýunça amala aşyrylýar.

Ösen hojalykda önüm monopoliýalar tarapyndan, şol sanda halkara monopoliýalary tarapyndan satylan mahalynda bazar bahalarynyň düýpli aýratynlyklary bar.

**Broker (araçy)** – fond, haryt, walýuta we beýleki biržalarda harytlary, gymmatly kagyzlaryň, walýutalaryň we beýleki gymmatlyklaryň söwdasy boýunça satyjy bilen satyn alyjynyň arasynda geleşikler mahalyndaky dellallyk işi. Broker (araçy) dellalçylyk edenligi üçin belli bir möçberde töleg almak bilen, müşderiniň tabşyrmagy boýunça we onuň hasabyna hereket edýär. Agentden tapawutlylykda broker (araçy) satyjy hem-de satyn alyjy bilen uzak söwda gatnaşyklarynda bolmaýar we aýry-aýry tabşyryklaryň esasynda hereket edýär.

**Bäsdeş** – bäsdeş düşünjesi işjeňligiň islendik ugrunda: ykdysadyýetde, syýasatda, sungatda we beýleki ulgamlarda ulanylýar. Haýsydyr bir işe özüniň hususy tapawutlanýan gyzyklanmalary bar bolan, emma şol bir wagtyň özünde şol bir maksady gazanmaga gyzyklanýan aýry-aýry adamlar, toparlar, kärhanalar we firmalar hem bäsdeş bolup çykyş edip bilerler. Bäsdeşlik düşünjesi köplenç hojalyk işiniň ulgamynda bäsdeşligi suratlandyrmak üçin ulanylýar. Bäsdeşlik döwletde hereket edýän kanunçylygy berjaý etmek arkaly amala aşyrylmalydyr.

**Bazar konýunkturasy** – bu wagtyň belli bir döwründe we anyk ýerde harytlary ýerlemegiň, emele gelen durmuş-ykdysady, söwda-guramaçylyk we beýleki şertleri döretmegiň toplumy bolup durýar. Bazaryň ýagdaýy köp sanly ýagdaýlaryň täsirine baglydyr. Alyjylaryň pul girdejileri, harytlaryň bahalary, haryt resurslarynyň, şol sanda haryt atiýaçlyklarynyň möçberi we düzümi şol ýagdaýlaryň esasylary hasaplanýar. Anyk bazaryň konýunkturasynyň häsiýetnamasynda ozaly bilen islegiň we teklibiň deňeçirliliginiň derejesine üns berilýär. Konýunkturanyň öwrenilmegi bazara, islegiň we harytlary hödürlemegiň hakyky hem-de mümkin bolan gyşarmalaryna yzygiderli gözegçilik edilmegini göz öňünde tutýar.

**Baha kesmek** – bu daşary ýurt walýutasynyň ýa-da gymmatly kagyzlaryň kursuny bellemek, şeýle hem munuň özi degişli biržanyň baha kesiji topary tarapyndan hasaba alynýan we çap edilýän birža harytlarynyň nyrhlarydyr.

**Bilelikdäki kärhanalar** – bu halk hojalygynyň dürli pudaklarynda önümçilik, ylmy-önümçilik, ylmy-tehniki hem-de beýleki işleri amala aşyrmak üçin döwletara şertnamalaryň esasynda döredilýär. Bilelikdäki kärhanalar edara görnüşli taraplar bolup durýan bir ýa-da birnäçe kärhanalar. Daşary ýurt kärhanalary gatnaşyjylar bolup bilerler.

**Bäsdeşlik (konkurensiýa)** – önümçiligiň, harytlary satmagyň we satyn almagyň gowy, has amatly şertleri ugrunda bazar hojalygynyň subýektleriniň arasyndaky göreşdir. Bu göreş haryt hojalygynyň ykdysady kanunydyr.

**Bäsdeşlige ukyplylyk** – bazar gatnaşyklary we bäsdeşlik şertlerinde öz hojalyk işlerini amala aşyrmaga bolan ukyplylyk; bu işleriň netijesinde önümçiligi kämilleşdirmegi, işgärleri höweslendirmegi we önümiň ýokary hil derejesini saklamagy, ýeterlik peýda almagy başarmak.

**Bank konsorsiumy** – bank topary bolup, ol has iri bankyň – konsorsiumyň ýolbaşçysy tarapyndan wagtlaýynça emele getirilýär. Esasy maksady bilelikdäki karz amallaryny geçirmek we karz alyjynyň tölege ukyplylygynyň bolmanlygy sebäpli döräp biljek ýitgileri azaltmak bolup durýar. Karz alyjy üçin bank konsorsiumy bilen işlemeklik karzlaryň möhletini uzaltmaklygy ýeňilleşdirýär.

**Bölünýän akkreditiw** – birnäçe akkreditiwleri açmaga mümkinçilik berýän pul möçberine deň bolan akkreditiw.

**Bazar mehanizmi** – bazaryň esasy bölekleriniň, ýagny hödürlemäniň, hyrydarlygyň we nyrhlaryň özara baglanmak we özara täsir etmek mehanizmi.

**Bazar deňagramlylygy** – berlen wagtda we berlen bazarda belli bir haryda bolan hyrydarlygyň we onuň hödürlenişiniň takmynan deň bolmagy.

**Bazara aralaşmak nyrhy** – 1) harydyň ýa-da hyzmatyň bazary köpçülikleýin eýelemek üçin aşaklandyrylan nyrhy; 2) haýsydyr bir bazarda harydyň şübhesiz hyrydarlyga eýe bolup biljek nyrhy.

**Binýatlaýyn nyrh** – 1) standart hildäki harydyň nyrhy. Ondan ugur alyp, has ýokary hilli harydyň ýokarlandyrylan nyrhy bellenýär; 2) halkara söwdasynyň tutuşlygyna we aýry-aýry harytlar boýunça nyrhlaryň indeksi kesgitlen mahalyndaky binýat ugur alyş nokady; 3) kesgitli hil ölçegleri bolan belli bir harydyň opsion geleşik baglaşylýan pursatyndaky nyrhy.

**Binýatlaýyn walýuta** – bir ýurtda ýa-da maliýe merkezinde dürli walýutalar özüne görä kotirowka edilýän walýuta, mysal üçin ABŞ-nyň dollary ýa-da funt sterling.

**Bölek satuw nyrhy** – harydyň şahsy sarp ediş üçin az, ýekelikdäki mukdarda satylyş nyrhy, bölek satuw söwdasyndaky nyrh.

## Ç

**Çäkli jogapkärçilikli jemgyýet** – bir ýa-da birnäçe taraplar döredýär; başlangyç maýa goýumlary, esaslandyryjy resminamalara görä, birnäçe paýlara bölünýärler. Taraplar jemgyýetiň borçlary üçin jogapkärçilik çekmeýärler; öz eden goýumlarynyň gymmatynyň çäklerinde, jemgyýetiň alyp barýan işleri bilen bagly bolan ýitgileri çekmeklikde töwekgelçilik edýärler.

**Çek** – çegi görkezijä ýa-da çekde ady ýazylan şahsa belli bir möçberdäki puly çek berijiniň serişdeleriniň ýa-da bank karzynyň hasabyna tölemek barada çek berijiniň banka hiç-hili şertsiz buýrugyny aňladýan maliýe resminamasy.

## D

**Döwlet býujeti** – bu döwlet maliýesiniň bir görnüşi bolup, döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň aragatnaşygydyr. Bu girdejileriň we çykdajylaryň belli bir döwür üçin ýazgysy bolup durýar. Döwlet býujeti hökümet tarapyndan düzülýär hem-de ýokary kanun çykaryjy edaralar tarapyndan tassyklanylýar.

**Döwlet eýeçiligi** – Türkmenistanda möçberi boýunça iň köp eýeçilikdir. Ýerasty baýlyklar, suw resurslary we beýleki tebigy obýektler, şeýle hem Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasyna degişli obýektler döwletiň aýratyn eýeçiligi hasaplanýar. Olara diňe döwlet erk edýär. Bulardan başga-da, döwlet eýeçiligine ýer, hakimýet we dolandyryş edaralarynyň emlägi, döwlet kärhanalarynyň emlägi, döwlet banklary, döwletiň okuw jaýlarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň emlägi, döwlet býujetiniň serişdeleri we ş.m.-ler degişlidir.

**Döwlet kärhanasy** – munuň özi döwlet serişdleriniň hasabyna döredilýän ýa-da bellenilen tertipde döwlet eýeçiligine berlen kärhanadyr, ol özüne berkidilen emläge eýeçilik edýär, peýdalanýar we ygtyýarlyk edýär. Döwlet kärhanasynyň işi

bellenilen tertipde bellige alnan kärhananyň düzgünnamasy (ustawy) arkaly kesgitlenilýär. Döwlet kärhanasynyň düzümleýin gurluşy, şeýle hem döwlet kärhanasyny dolandyrmak ony esaslandyryjy tarapyndan kesgitlenilýär we kärhananyň esaslandyryş resminamalarynda berkidilýär.

**Dolanyşyk serişdeler** – bu dolanyşyk gaznalaryň we aýlanyşyk serişdeleriň jemi, ýagny önümçilik serişdeleriň her biri zähmet hadysasynda doly peýdalanylyp, özüniň gymmatyny täze önüme doly geçirýär we kärhana pul görnüşinde dolanyp gelýär. Dolanyşyk serişdeleri maddy (material) we pul serişdelerine bölünýär. Maddy serişdelere esasy materiallar, satyn alynýan önümler, ýangyç, elektrik togy, gaplar, enjamlar, bejeriş işlerini geçirmek üçin ätiýaçlyk şaýlary, pes gymmatly we çalt könelýän gurallar, gutarylmadyk önümçilik, geljek döwrüň harajatlary, taýýar önümiň ammardaky ätiýaçlykllary degişlidir. Sarp edijilere ugradylan harytlar, hasaplaşyklardaky pul serişdeleri, kärhananyň kassasyndaky hem-de bankdaky hasaplaşyk hasaplaryndaky pullar we başgalar pul serişdeleriniň hataryna girýär.

**Dünýä bahasy** – önümçiligiň dünýä bazarynda emele gelýän dünýä bahasynyň pul aňlatmasy. Maýalaryň bäsdeşliginiň täsiri esasynda ol ýa-da beýleki ýurduň içersinde girdejiniň çäkleri (normalary) ilkibaşda deňleşýär we önümçiligiň milli bahalaryna deň gelýär, olardan önümçiligiň dünýä bahalarynyň esasynda dünýä bahasy emele gelýär. Bu bahanyň üsti bilen daşary ýurtlardan getirilýän (import) we daşary ýurtlara äkidilýän (eksport) harytlar üçin döwlet hasaplaşyklary geçirilýär.

**Dünýä puly** – ähliumumy, uniwersal töleg serişdesi hökmünde ykrar edilen pul.

**Durnuksyz baha** – çalt we real könelmäge sezewar edilen önüm üçin bellenilýär. Jemgyýetçilik islegleri tapgyrlaýyn özleşdirildigiçe we jemgyýetçilik isleglериniň bu önüm bilen kanagatlandyrylyşynyň derejesi üýtgeýän mahalynda, ol önüm üçin çykdajylar üzül-kesil azalýar.

**Durnukly baha** – üýtgeýän bahadan tapawutlylykda, satyn almak-satmak şertnamasynda bellenilýän we onuň hereket ediş döwrüniň dowamynda üýtgedilmäge degişli bolmadyk baha.

**Deňeşdiriýän bahalar** – dürli döwürleriň içinde önümiň möçberini deňeşdirmek we onuň görkezjilerini hasaplap çykarmak maksady bilen oňa baha bermek üçin birnäçe ýyllaryň dowamynda meýilnama düzmekde we statistikada ulanylýan bahalar. Bu baha kärhananyň içinde möhüm orun degişlidir. Önümiň möçberi hakynda maglumatlar boýunça bu bahada önümçiligiň, zähmet öndürijiliginiň ösüş depginleri we birnäçe beýleki görkezjiler kesgitenilýär. Statistikada indeksleri hasaplap çykarmak üçin ulanylýan bazis bahasy şu bahanyň bir görnüşi bolup durýar.

**Döwletiň maliýesi** – munuň özi döwletiň wezipeletini (halk hojalygyny dolandyrmak, goranyş, kanunçylygy we hukuk düzgünlerini berjaý etmek, durmuş kepillendirmelerini üpjün etmek we ş.m.-ler) maliýe serişdeleri bilen üpjün etmäge niýetlenen onuň ygtyýaryndaky pul gaznalarynyň ulgamydyr.

**Durmuş syýasaty** – bu döwletiň girdejileri paýlamakda deňsizligi ýeňilleşdirmäge gönükdirilen syýasatydyr. Bu bazar ykdysadyýetine we beýleki ykdysady ulgamlara mahsusdyr. Döwletiň durmuş syýasatynda esasy orny girdejileriň deň derejede paýlanylmagy tutýar.

**Daşary ykdysady döwlet banky** – bu bankyň esasy wezipesi daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we olary ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlaryna ýerleşdirmekden ybaratdyr. Mundan başga-da, daşary ýurt maýalarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän we döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilen uzak möhletli karzlary berýär. Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň karzlarynyň esasy ulanyjylary nebit-gaz we agrosenagat toplumy, önümçilik we durmuş ugry pudaklarydyr. Daşary ykdysady döwlet banky Türkmenistanyň daşary söwdasyna hyzmat etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýär we daşary ýurt banklarynyň köpüsi bilen aragatnaşyk saklaýar, şeýle hem daşary söwda we söwda däl amallary boýunça bank hasaplaşyklarynyň ähli görnüşlerini amala aşyrýar.

**Daşary söwda arbitraž topary (komissiýasy)** – bu gurama daşary söwda we beýleki halkara ykdysady hem-de ylmy-tehniki aragatnaşyklar amala aşyrylýan mahalynda ýüze çykýan jedelleri çözýär. Bu guramanyň esasy seredýän meselelerine daşary ýurtda harytlary satyn almagyň-satmagyň geleşikleri, harytlaryň daşalyşy, ätiýaçlandyrylyşy, saklanyşy we ş.m.-ler girýär. Gurama talap edijiniň ýazmaça arzasynyň esasynda jedelleri derňeýär. Bu guramanyň çykaran kararlary gutarnykly bolup, taraplaryň ikisi üçin hem hökmanydyr we şikaýat edilmegine degişli däldir.

**Daşary söwda geleşigi (şertleşigi)** – daşary söwda babatynda hukuk gatnaşyklaryny ýola goýmak, üýtgetmek hem-de bes etmek boýunça edilýän iş; harytlary, hyzmatlary, tehnologiýalary, ygtyýarnamalary we ş.m.-leri alyşmak boýunça eksport-import amallary. Onda taraplaryň biri ýa-da taraplaryň ikisi-de daşary ýurt edara görnüşli taraplar bolup durýarlar. Satyn almak-satmak, telekeçilik şertnamalary we beýlekiler daşary söwda geleşiginiň esasy görnüşleridir. Türkmenistanda daşary söwda geleşiklerini kärhanalar, şeýle hem olary baglaşmaga ygtyýarly edilen guramalar amala aşyrýarlar, olara gol çekmegiň görnüşleri we tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

**Daşary söwda** – döwletleriň arasynda harytlaryň alyşylmagy, ol eksportdan hem-de importdan durýar. Daşary söwdanyň üsti bilen, döwletileriň arasyndaky aragatnaşygyň derejesiniň üsti bilen daşary söwda dolanyşygynyň, ýagny dünýä haryt dolanyşygynyň möçberi kesgitlenilýär. Daşary söwdanyň häsiýeti, ösüş derejesi we zähmeti şol jemgyýetdäki önümçilik usuly bilen kesgitlenilýär.

**Döwlet fiskal monopoliýasy** – köpçülikleýin sarp edilýän harytlaryň (temmäki, duz, çakyr, piwo we beýlekiler) önümçiligine we ýerlenmegine döwletiň monopoliýasy. Haçan-da döwlet haýsydyr bir harydyň öndürilişini hem ýerlenmegini monopoliýalaşdyran mahalynda döwlet fiskal monopoliýasy doly bolup biler. Bölekleýin bolan mahalynda önümçilik ýa-da ýerlemek monopoliýalaşdyrylyp bilner. Döwlet fiskal monopoiliýasy döwlet býujetine köp girdejiler almak maksady bilen bellenilýär.

**Debet** – iki taraply tablisa görnüşli buhgalteriýa hasabynyň çep tarapy. Pul serişdeleriniň ýagdaýyny we hereketini, haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklaryny (taýýar önüm, gutarylmadyk önümçilik, materiallar, ýangyç we ş.m,-leri) hasaba almak üçin ulanylýan hasapdyr. Debetde her aýyň başyna hasapda durýan gymmatlyklaryň bar bolan möçberi we olaryň aýyň dowamynda gelip gowşuşy görkezilýär. Buhgalteriýa hasabynda her bir amal birmeňzeş sanlarda iki

gezek, özara baglanyşykly hasaplaryň ikisinde ýazylýar, bir hasabyň debetinde beýleki hasabyň kreditinde ýazylýar.

**Dewizler** – bu töleg serişdeleri bolup (köplenç halatda daşary ýurt walýutasynda), olaryň kömegi bilen halkara hasaplaşyklary amala aşyrylýar. Dewizlere geçirimler, çekler, akkreditiwler, wekseller, daşary ýurt banknotlary we daşary ýurt şaýy pullary degişlidir.

**Dekort** – bu harydyň bahasy möhletinden öň tölenendigi üçin ýa-da ylalaşygyň şertleri bilen deňeşdirilende harydyň hiliniň has pesligi üçin onuň bahasynyň arzanladylmagy.

**Demping** (iňlis sözi bolup „taşlamagy, zyňmagy“ aňladýar) – bu bäsdeşleri ýok etmek hem-de daşarky bazarlary eýelemek maksady bilen ýurduň içersindäki we dünýä bazaryndaky nyrhlara garanyňda ep-esli arzan nyrhlar boýunça harytlary daşary ýurda çykarmakdyr.

**Dünýä pullary** – bu pullar haryt önümçiliginiň giňeldilmegi, hojalyk aragatnaşyklarynyň halkara möçberinde ösmegi, zähmetiň halkara bölünşiginiň çuňlaşdyrylmagy we onuň ösdürilmegi üçin zerur bolan şertleri döredýär. Dünýä bazarynda pul köptaraplaýyn çykyş edip, özüniň milli görnüşinden uzaklaşýar. Dünýä pullarynyň wezipeleri: ähliumumy töleg serişdesi, ähliumumy dolanyşyk serişdesi, jemgyýetçilik maddy baýlyk serişdesi, gymmat ölçeg serişdesi, bütindünýä pullary bolmakdan ybaratdyr. Halkara gatnaşyklaryň ösen şertlerinde esasy döwletleriň walýutalary (ABŞ dollary, ýewro we beýlekiler) töleg, satyn alyş we ätiýaçlandyryş serişdesi hökmünde hereket edýärler.

**Deflýasion syýasat** – hökümetiň döwlet maliýesi we pul-karz ýaýrawy babatynda işewirlik işjeňliginiň, ykdysady ösüşiň haýallamagyna getirip biljek käbir çäklendirmeler arkaly hümmetsizlenmäniň öňüni almaklygy we töleg balansyny sagdynlaşdyrmaklygy maksat edinýän düzgünleşdiriş çäreleriniň toplumy.

**Deflýasiýa** – puluň hümmetsizlenmegi döwründe çykarylan artykmaç pul massasynyň bir böleginiň dolanyşykdan aýrylmagy, çünki deflýasiýa mahalynda bahalar adatça arzanlaýarlar. Bu çäräniň üsti bilen hümmetsizlenmeginiň öňi alynýar. Deflýasiýa salgytlary köpeltmek, zähmet hakynyň ösüşini saklamak, döwlet býujetiniň çykdajylaryny azaltmak, karzyň möçberini azaltmak ýaly çäreleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

**Diwidend** – paýdarlar jemgyýetiniň peýdasynyň paýlar boýunça paýlanylýan bölegi. Diwidendiň möçberi hemişelik birmeňzeş bolmaýar, ol paýdarlar jemgyýetiniň peýdasynyň umumy möçberine we hökmany tölegleriň ulylygyna baglylykda üýtgäp durýar. Salgytlar, karzlar tölenenden, dürli gaznalara pul serişdeleri geçirilenden soňra galan peýda paýdarlara diwidend görnüşinde paýlanýar.

**Diler** (latyn sözi bolup, „söwdagär, wekil“ diýmekligi aňladýar) - satyn almak-satmak, gymmatly kagyzlar, gymmat bahaly metallar bilen meşgullanýan gazna (fond) biržasynyň agzasyna (kärhanalara, şahsy taraplara, banklara) aýdylýar. Diler öz adyndan we öz hususy serişdeleriniň hasabyna hereket edýär. Dilerler öz aralarynda, brokerler (araçylar), gös-göni müşderiler bilen şertnama baglaşyp bilýärler.

**Dotasiýa** – bu döwlet ýa-da başga guramalar tarapyndan kärhanalara, guramalara çekilen zyýanyň öwezini dolmak ýa-da beýleki maksatlar üçin berilýän goşmaça tölegler, maddy kömeklerdir. Dotasiýa berlen pul serişdeleri yzyna gaýtarylmasyz şertlerde berilýär.

**Daşary ýurt maýa goýumlary -** başga ýurtlaryň ykdysadyýetine uzak möhletleýin maýa goýumlary goýmak we kärhananyň maýasyny şol kärhananyň harydyny satyn alyjylaryň ýurduna çykarmak. Portfel daşary ýurt maýa goýumlary – munuň özi salgyt ýeňillikleriniň, walýuta kursuny üýtgemegiň we beýlekileriň hasabyna maýa üçin ýokarlandyrylan girdeji almak maksady bilen maýanyň daşary ýurt kärhanalarynyň paýnamalaryna, halkara walýuta-karz guramalarynyň obligasiýalaryna we beýleki gymmatly kagyzlaryna goýulmagydyr.

**Denominasiýa** – bu döwletiň pul birliginiň adyny üýtgetmezden pul dolanyşygyny gowulandyrmak maksady bilen köne pullaryň täze pullara çalşylmagy we puluň mukdarynyň (massasynyň) üýtgemegidir.

**Düşewüntlilik** – bu kesgitli bir döwürde kärhananyň işiniň ykdysady netijeliligini, girdejililigini häsiýetlendirýän görkezijidir. Kärhanalarda umumy düşewüntlilik, önümleriň düşewüntliligi, hasaplaşyk düşewüntliligi we beýlekiler kesgitlenilýär.

**Dolandyryş maglumatlary –** munuň özi ulgamda we onuň töwereginde bolup geçýän özgerişikler hakyndaky dürli hili habarlaryň jemidir. Bütin dolandyryş prosesine maglumatlary kabul etmek, özgertmek we bermek prosesi hökmünde seredilip bilner. Karary kabul etmek wakasy bu prosesiň esasy pursaty bolup durýar. Kabul edilen karar dolandyryş maglumatlaryny döredýär. Ol maglumatlar meýilnamalar, tabşyryklar, buýruklar, çäkler görnüşinde ýerine ýetirijileriň dykgatyna ýetirilýär. Maglumatlar dürli derejelere bölünýärler: mazmuny boýunça – syýasy, hukuk, ykdysady, ylmy-tehniki, durmuş we başgalar, gelip gowşan çeşmeleri boýunça – daşarky we içerki we beýlekiler.

**Dewalwasiýa** – ýurduň pulunyň hemmesiniň beýleki ýurtlaryň berk pullaryna ýa-da halkara hasap birliklerine garanyňda pese düşmegi; pul birliginiň hakyky altyn düzüminiň peselmegi.

**Debitor (bergidar) –** pul ýa-da emläk bergisi bolan şahsy ýa-da edara görnüşli taraplar, ykdysady subýekt (başgalaryň oňa bergisi bar bolan kreditorlaryň tersine).

**Debitorlyk algy –** kärhananyň, firmanyň, beýleki kärhanalardan, firmalardan, şonuň ýaly-da bergili bolup durýan raýatlardan alynmaly algysynyň möçberi.

**Deňeçerlik (paritet) –** bir döwletiň metal pullarynyň başga bir döwletiň metal puluna çalşylýan gatnaşygy. Pul birligi altynda aňladylan ýurtlar üçin deňeçerlik şol pul birlikleriniň altyn hümmeti bilen kesgitlenýär.

**Deponent –** 1) karz edarasyna (banka) saklamak üçin pul ýa-da gymmatly kagyz beren edara görnüşli ýa-da şahsy tarap; 2) özüne düşýän puly wagtynda almanlygy sebäpli depozite öwrülen pul girdejisini ýa-da tölegi wagtynda almadyk şahs.

**Depozitler –** bankyň müşderileriniň möhletli we möhletsiz goýumy ýa-da edara görnüşli we şahsy taraplaryň belli bir döwürde saklamak üçin banklara ýerleşdirýän pul serişdeleri ýa-da gymmatly kagyzlary (paýnamalar).

**Depozit göterimi** – täjirçilik banklar tarapyndan müşderileriň goýumlary boýunça tölenýän göterim.

**Diskont syýasaty** – karz maýasyna bolan hyrydarlygy we onuň hödürlenişini düzgünleşdirmek maksady bilen karz üçin hasaba alyş göterim derejesiniň ýokarlandyrylmagyndan ýa-da aşaklandyrylmagyndan ybarat bolup, merkezi banklar tarapyndan geçirilýän pul-karz syýasatynyň bir guraly.

**Dolandyryş nyrhy** – güýçli monopoliýalaşdyrylan bazar şertlerinde hyrydarlygy we hödürlemäni öwrenmek esasynda bellenilýän nyrh.

**E**

**Eýeçilik** – hukuk manyda emläk gatnaşyklaryny aňladýar. Ykdysady manysynda bolsa, önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine eýelik etmek boýunça adamlaryň arasynda döreýän çylşyrymly önümçlik gatnaşyklaryny aňladýar. Maddy nygmatlary öndürmek – munuň özi adamlaryň tebigatyň zatlaryna eýelik etmegidir. Eýeçilik gatnaşyklaryna şu aşakdakylar girýär: a) eýelik etmek; b) eýeçilikdäki zatlary peýdalanmak; ç) eýeçiligi ykdysady durmuşa geçirmek.

**Eýeçilik gatnaşyklary** – bu hojalyk hadysalaryny öz içine almak bilen önümçilikde paýlamakda, alyş-çalyşda we sarp etmekde döreýän ykdysady gatnaşyklaryň üsti bilen ýüze çykýan amaldyr.

**Esasy serişdeler (gaznalar)** – bu öndürijilikli serişdleriň özüniň gymmatyny täze önüme ýuwaş-ýuwaşdan geçirmegi we özüniň ilki durkuny üýtgemän kärhana uzak wagtyň dowamynda amortizasiýanyň üsti bilen pul görnüşinde bölekleýin dolanyp gelmegine aýdylýar. Esasy serişdelere ýer, önümçilik jaýlary, desgalar, maşynlar we enjamlar, ölçeg gurallary, hojalyk serişdeleri girýär. Esasy serişdeleriň gowrümi pul görnüşinde hasaplanylýar.

**Esasy serişdeleriň (gaznalaryň) fiziki taýdan (hakyky) könelmesi** – esasy serişdeleriň özleriniň islegi ödeýiş gymmatyny (öndürijilikli häsiýetini) kem-kemden ýitirmegini aňladýar. Könelmäniň bu görnüşiniň iki tarapyny tapawutlandyrmak bolar: birinjisi – esasy serişdeleriň öndürijilikli ulanylmagynyň netijesinde könelmesi, ikinjisi bolsa, olaryň köp wagtyň dowamynda peýdalanylman, tebigy ýagdaýlaryň täsiri astynda bolup geçýän könelme.

**Ekstensiw ykdysady ösüş** – bu önümçiligiň ösüşiniň, ösüşe täsir edýän faktorlaryň mukdar taýdan artdyrylmagy esasynda amala aşyrylmagydyr. Şunlukda ol faktorlaryň tehniki (hil) derejesi öňküliginde galýar. Mysal üçin, önümçiligiň ösüşi işgärleriň sanynyň köpeldilmeginiň, çig malyň, materiallaryň dolanyşyga goşmaça girizilmeginiň we ş.m.-leriň hasabyna alnyp barylsa, bu ekstensiw ösüşdir.

**Esasy serişdeleriň (gaznalaryň) moral taýdan könelmegi** – bu olaryň öndürijilikli häsiýetini ýitirmezligine garamazdan, özüniň gymmatynyň bir bölegini ýitirmegini aňladýar. Moral könelmäniň iki görnüşi bar: birinjisi – peýdalanylýan şol bir kysymdaky esasy serişdeleriň öndürilişiniň arzanlamagy (bahasynyň peselmegi) netijesinde bolup geçýär, ikinji görnüşi bolsa, birinjä garanyňda has öndürijilikli we tygşytly zähmet serişdeleriniň ýüze çykmagy bilen baglanşyklydyr. Bu bolsa entek fiziki taýdan sandan çykmadyk köne tehnikanyň täze, has öndürijilikli görnüşi bilen çalşyrylmagyny talap edýär. Sebäbi könelişen serişdeleriň ulanylmagy zähmet öndürijiliginiň we önümçiligiň netijeliliginiň ösüşini bökdeýär.

**Eksport** – bu harytlary başga ýurtlara satmak ýa-da peýdalanmak maksady bilen olaryň ýurtdan çykarylmagy (tersine bolan ýagdaýynda – import). Maýanyň eksporty – munuň özi girdeji almak maksady bilen maýanyň daşary ýurda ýerleşdirilmegidir (mysal üçin, ýerli kärhanalaryň paýnamalaryny satyn almak, karzlar bermek we ş.m). Eksport daşyna çykarylan harytlaryň umumy mukdary ýa-da gymmatydyr.

**Ekstensiw** – bu esasy serişdeleriň hil taýdan däl-de, eýsem mukdar taýdan üýtgemegi, artmagy, ösmegi bilen baglanşykly prosesdir. Ekstensiw hojalyk – munuň özi ozaly bilen, tehniki progresiň hasabyna däl-de, eýsem goşmaça maddy we adam resurslaryny peýdalanmagyň netijesinde ösýän hojalykdyr.

**Embargo** –harytlaryň, pul serişdeleriniň, gymmatly kagyzlaryň, altynyň haýsydyr bir ýurtdan getirilmeginiň ýa-da haýsydyr bir ýurda çykarylmagynyň döwlet häkimiýeti ýa-da halkara guramalary tarapyndan gadagan edilmegidir.

**Emissiýa** – pullaryň we gymmatly kagyzlaryň dolanyşyga çykarylmagy. Puluň emissiýasy döwlet tarapyndan ýa-da onuň gözegçiligi astynda amala aşyrylýar. Türkmenistanda puluň emissiýasy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýar. Gymmatly kagyzlar paýdarlar jemgyýetleri, kärhanalar ýa-da döwlet tarapyndan çykarylyp bilner.

**Emission ulgam** – dolanyşyga pul nyşanlaryny (belgilerini) göýbermegiň tertibi we usullary, şonuň ýaly-da döwletiň pul (maliýe) ulgamynyň emissiýasyny üpjün edýän edaralary görnüşindäki düzüm bölegi.

**Emitent** – dolanyşyga puly ýa-da gymmatly kagyzlary göýberýän islendik edara ýa-da gurama (döwlet banky, maliýe-karz edarasy, kärhana, kompaniýa).

**Esaslyk (ustaw) maýa** – bu kärhana esalandyrylan mahalynda işiň başlangyjy üçin zerur bolan maýanyň kärhananyň tertipnamasy (ustawy) boýunça kesgitlenýän möçberi. Ol çykarylan paýnamalaryň nominal gymmatyny, döwlet serişdeleriniň goýumlarynyň ýa-da hususy paý gatançlarynyň jemini öz içine alýar. Esaslyk maýa esasy we dolanyşyk önümçilik serişdeleriniň bahasy girýär. Paýdarlar maýasy esaslyk maýanyň has giň ýaýran görnüşidir.

**Erkin ykdysady zolak** – ýurduň territoriýasynyň bölegi, zolagy. Bu zolakda daşary ýurt maýa goýumlary we gümrükhanalar üçin ýeňillikli tertip-düzgünler hereket edýär.

**F**

**Faktura bahasy** – harydy satyn almagyň we satmagyň bahasy: tutuşlygyna import ediji bilen eksport edijiniň arasynda şol haryt üçin baglaşylan geleşigiň şertlerine bagly bolup durýar.

**Faktoring** – bu söwda amallarynyň bir görnüşi. Ol müşderiniň dolanyşyk maýasyny karz bermek bilen utgaşdyrýar. Müşderiniň debitor bergililigini inkassirlemegi, karz bermegi we karz hem-de walýuta ätiýaçlyklara kepil geçmekligi öz içine alýar. Faktoring faktor kärhanasy tarapyndan ugratmak üçin fakturlanan harytlaryň gymmatynyň 80 göterimine golaýynyň bahasyny haýal etmän tölemek we galan böleginiň bahasyny debitorlardan pul gelerine bagly bolmazdan, berk gepleşilen möhletlerde tölemek şertlerinde hasap fakturalary satyn almakdan ybaratdyr.

**FAS** – daşary söwda boýunça ylalaşyklarda ulanylýan şert, şol şerte laýyklykda satyjy harydyň bahasyny görkezýär. Onuň düzümine harydyň we ony gäminiň bortyna eltmegiň nyrhy hem girýär. Harydy eltmek daşaýjy ony gäminiň bortuna öz serişdeleriniň hasabyna ýüklär ýaly şert bilen amala aşyrylýar.

**Fors-mažor** – bu hukukda haýsydyr bir çäreler arkaly göz öňünde tutulyp, öňi alnyp ýa-da ýok edilip bolmaýan waka, adatdan daşary ýagdaýlar, mysal üçin, tebigy betbagtçylyklar; ýeňip geçip bolmaýan päsgelçilik.

**Fýuçers ylalaşygy** – bu haryt ýa-da gazna (fond) biržasynda geçirilýän ylalaşygyň görnüşi bolup, haryt üçin şertnamada görkezilen baha ylalaşylan ýagdaýynda tölegi tölemegi öz içine alýar. Maksady harydyň bahasynyň aratapawudyny ylalaşyk amala aşyrylandan soň girdeji hökmünde almak bolup durýar.

**Firma** – eýeçiligiň dürli görnüşindäki kärhanany ýa-da ýöriteleşdirilen guramalaryň toparyny aňladýan edara görnüşli tarap. Firmada önüm öndürmek we olary ýerlemek üçin ýeke-täk dolandyryş işleri amala aşyrylýar.

**Forward** – geleşikleriň ylalaşygy geçirilenden soň iki günden köp bolmadyk wagtyň dowamynda çalt hasaplaşyklaryň geçirilmeginiň görnüşi. Adatça forward geleşikleri walýutalaryň hümmetiniň, bahalaryň üýtgemeginden bolup biljek ýitgileriň öňüni almak üçin banklar, söwda-senagat firmalary tarapyndan baglaşylýar.

**Forfeýting** – eksport edijileri, haryt satyjylary karzlaşdyrmagyň özboluşly görnüşi bolup, esasan hem daşary söwda amallarynda ulanylýar. Bank-forfeýter eksport edijiden (satyjydan) import edijiniň (satyn alyjynyň) pul borçnamasyny satyn alýar we satyn alnan haryt eltilenden soň, harydyň bahasynyň tölegini wagtyndan öň, doly ýa-da bölekleýin eksport edijä töleýär. Soň import ediji özi üçin forfeýteriň pul tölänligi baradaky habary alandan soň, bank-forfeýtere pul serişdelerini geçirýär, töleýär. Bank-forfeýter wagtyndan öň geçirilen tölegi üçin eksporterdan göterim alýar.

**Fiskal syýasat** – hökümetiň salgyt salyş, döwletiň çykdajylary, döwletiň býujeti babatyndaky ilatyň iş bilen meşgullygyny üpjün etmäge we hümmetsizlenme hadysalarynyň zor salmagynyň öňüni almaga gönükdirilen syýasaty. Döwletiň maliýe syýasatynyň özeni we ykdysady syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar.

## G

**Gazna (fond) biržasy** – bu gymmatly kagyzlaryň bazary bolup, onuň esasy wezipesi gymmatly kagyzlaryň kadaly dolanyşygy üçin zerur şertleri döretmekden, olaryň bazar kursuny kesgitlemekden, olar baradaky habarlary ýaýratmakdan ybaratdyr. Gazna (fond) biržasy gymmatly kagyzlara bolan islegi we teklibi özünde jemleýär.

**Gündelik amallar** – bu harydy eksport we import etmegiň balansy, göwrümi barada hyzmatlary we walýuta geçirmegiň hasabatydyr.

**Gatyşyk (birleşen) eýeçilik** – gatyşyk eýeçilikdäki kärhanalar hususy we döwlet eýeçiligine degişli obýektleriň, şeýle hem jemgyýetçilik guramalarynyň, beýleki döwletleriň, olaryň edara görnüşli we şahsy taraplarynyň eýeçiligine degişli obýektleriň birleşdirilmegi esasynda döreýär. Gatyşyk eýeçiligiň herekert etmegi

eýeçiligiň dürli görnüşleriniň biri-birine zyýan bermän, özara gatnaşykda, bäsleşip ýaşap biljekligini görkezýär.

**Gymmat kanuny** – bu harytlaryň alyş-çalyşynyň şol harytlary öndürmäge sarp edilen jemgyýetçilik zerur zähmetiň mukdaryna laýyklykda amala aşyrylmagyndan ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, gymmat kanuny harytlaryň biri-biri bilen öz gymmaty boýunça alyş-çalyş edilýändigini, ýagny alyş-çalyş edilýän harytlaryň biri-birine deňligini görkezýär. Gymmat kanuny haryt önümçiligiň obýektiw ykdysady kanuny bolup çykyş edýär.

**Gymmatly kagyzlar** – bu eýesiniň emläk hukugyny görkezýän we haýsy tertipde ulanylmalydygyny aňladýan pul resminamasydyr. Gymmatly kagyzlar bazarynda hereket edýän gymmatly kagyzlara paýnamalar, wekseller, opsionlar, obligasiýalar we sertifikatlar girýär.

**Goldanylýan baha** – bu oba hojalyk önümi üçin bahalaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň görnüşidir. Ol oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri üçin bahalaryň döwlet tarapyndan kesgitlenmegidir. Goldanylýan bahalar döwlet tarapyndan yglan edilýär. Muňa mysal edip, Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen oba hojalyk önümlerine ýokary bahalaryň goýulmagyny görkezmek bolar.

**Goşulan gymmat** – bu kärhanada önümçilik prosesinde döredilen gymmatdyr we anyk önüm döretmekde kärhananyň real goşandydyr. Ýagny ol öz içine zähmet hakyny, peýdany we amortizasiýany alýar. Başgaça aýdylanda, goşulan gymmat – bu kärhananyň umumy önüminden gündelik maddy çykdajylaryň aýrylmagydyr.

**Goýuma tussag (arest) goýmak** – bu pul bermek baradaky amallary togtatmak; kazyýetiň, deslapky derňew hem-de jenaýat işleri boýunça derňew geçirýän guramalaryň karary bilen goýuma tussag goýlup bilner. Kazyýet ýa-da derňew edaralarynyň ýazmaça talap etmegi boýunça goýuma tussag goýulýar. Goýuma tussag goýlandygy we onuň aýrylandygy hakynda goýumçynyň hususy hasabynda degişli bellik edilýär.

**Gümrükhana tarifi** – bu harytlara gümrükhana töleglerini salmagyň möçberleri (derejesi). Töleg salynmagyna degişli harytlaryň sanawynda her bir haryt üçin tölegiň möçberi görkezilýär. Ýönekeý gümrükhana tarifi her bir haryt üçin tölegiň bir derejesini göz öňünde tutýar, çylşyrymly gümrükhana tarifi her bir haryt üçin töleg derejeleriniň birnäçesini göz öňünde tutýar.

**Goşmaça jogapkärçilikli jemgyýet** – bir ýa-da birnäçe taraplaryň gatnaşmagynda döredilýär. Esaslandyryjy resminamalara laýyklykda, taraplar emläk borçlary boýunça çekilýän jogapkärçilikde raýdaşlyk bildirýärler.

**Guramanyň düzgünnamasy** – kärhananyň we beýleki hojalyk düzümleriniň kanuny esasda döredilendigini tassyklaýan resminama; bu resminama olaryň ýerine ýetirýän işleriniň häsiýetlerini, tertiplerini, içki hem daşky gatnaşyklaryny we ş.m.-leri beýan edýär; düzgünnama, esasan Türkmenistanyň «Kärhanalar hakyndaky» kanuny boýunça düzülýär.

**Güwanama (sertifikat)** – harydyň, hünär derejesiniň we ş.m.-leriň hilini tassyklaýan şahadatnama; bu resminama bilermenleriň (ekspertleriň), barlagçylaryň teklipleri esasynda degişli guramalar tarapyndan berilýär.

**Goýberiş nyrhy** – 1) kärhananyň öz harydyny sarp edijilere goýberýän, berýän nyrhy; 2) taýýarlaýyş guramalary tarapyndan goýberilýän önümiň nyrhy.

**Gymmat** – harytda maddylaşan jemgyýetçilik zähmetiniň zat görnüşindäki aňlatmasy. Gymmat zadyň tebigy häsiýeti däl, eýsem harytlary öndürijileriň arasyndaky zat gabygy bilen örtülen jemgyýetçilik gatnaşygy, taryhy düşünjedir.

**H**

**Hususy eýeçilik** – önümçilik serişdelerine we önümçiligiň netijesine aýry-aýry adamlaryň eýelik etmegini aňladýar. Hususy kärhanalar eýeçiligiň görnüşleri boýunça raýatlaryň, edara görnüşli taraplaryň hususy eýeçiligine (hususy kärhanalaryň we telekeçilik birleşikleriň eýeçiligine) hem-de raýatlar bilen edara görnüşli taraplaryň eýeçilik obýektleriniň birleşdirilmegi esasynda döredilýän gatyşyk hususy eýeçilige bölünýär. Hususy eýeçiligi ösdürmek hormatly Prezidentimizden ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

**Haryt hojalygy** – bu satmak üçin önüm öndürýän hojalykdyr. Şonda öndürijileriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar bazaryň üsti bilen ýüze çykýar. Haryt hojalygynyň ýüze çykmagyna önümçiligiň ýöriteleşmegi alyp barýar. Haryt önümçiliginde öndürijiler önümiň belli bir görnüşini ösdürmek bilen meşgul bolýarlar. Özleriniň önümlere bolan islegini bolsa, olar bazar arkaly alyş-çalyş esasynda kanagatlandyrýarlar. Önümçiligiň ýöriteleşmegi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, wagtyň tygşytlanmagyna getirýär. Bu bolsa haryt önümçiligini ösdürmegiň hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýär.

**Haryt** – bu alyş-çalyş üçin, bazarda satmak üçin niýetlenen zähmetiň önümidir. Haryt bilen önümiň arasynda belli bir umumylyk bardyr. Birinjiden, olaryň ikisi hem zähmetiň netijesidir. Ikinjiden, haryt hem, önüm hem adamlaryň belli bir islegini kanagatlandyrýar. Ýöne haryr bilen önümiň arasynda uly tapawut hem bardyr. Ýagny önüm öndürijiniň şahsy islegini kanagtlandyrýan bolsa, haryt jemgyýetiň islegini kanagatlandyrýar. Şeýlelikde, haryt önümden tapawutlylykda satmak üçin niýetlenen zatdyr. Ol ykdysady dereje hökmünde adamlaryň arasyndaky ýüze çykýan önümçilik gatnaşyklarynyň belli bir tarapyny aňladýar.

**Harytlaryň we hyzmatlaryň balansy** – bu harytlaryň belli bir wagtda eksporta we importa gidýän göwrümini görkezýär we galyndyny (saldony) çykarýar.

**Haryt bazarynyň konýunkturasy** – wagtlaýyn ykdysady ýagdaý bolup, ol belli bir wagtyň içinde haryt bazarynyň ýagdaýyny onuň alamatlarynyň jemi bilen häsiýetlendirýär. Bu alamatlara aşakdakylar degişlidir: içerki we daşarky söwdanyň üýtgeşmeleri, önümçiligiň we gurluşygyň ösüş yzygiderliligi, haryt gorlarynyň hereketi; nyrhlaryň ösüş yzygiderliligi; işleýänleriň we işsizleriň sany; önümçligiň çykdajylarynyň ösüş yzygiderliligi; ilatyň pul girdejileri we beýlekiler.

**Harytlaryň, puluň dolanyşygy** – harytlaryň we puluň öz aýlanyş ýaýrawynda bir şahsdan beýlekisine geçip, alyş-çalyş edilip, täzelenip, mydama hereketde bolmak hadysasy.

**Harydyň gymmaty** – bu haryt öndürijileriň arasynda alyş-çalyşda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladýan derejedir. Ol göze görünmeýär we diňe harytlar alyş-çalyş edilende ýüze çykýar.

**Haryt-pul gatnaşyklary** – jemgyýetçilik önüminiň önümçiliginiň, paýlanyşynyň, alyş-çalyş edilmeginiň we sarp edilmeginiň barşynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň ähli köplügi.

**Harydyň islegi ödeýiş gymmaty** – bu harydyň adamyň, jemgyýetiň islegini ýa-da başga bir islegi kanagatlandyryp bilmek ukybydyr. Harydyň kanagatlandyrýan islegi köp dürli bolýar. Mysal üçin, harytlaryň bir topary – çörek, aýakgap, ýaşaýyş jaýy, altyn we ş.m.-ler adamlaryň gös-göni şahsy isleglerini kanagatlandyrýar. Olaryň başga bir topary bolsa, ýagny, iş maşynlary, stanoklar, enjamlar, çig mallar we ş.m.-ler jemgyýetiň önümçilik islegini kanagatlandyrýar. Harydyň islegi ödeýiş gymmaty bolmak häsiýeti, onuň hiline gös-göni bagly bolýar. Şonuň üçin hem, haryt öndürijiler öz öndürýän harytlarynyň hilini hemişe gowulandyrmaga çalyşmalydyr.

**Harydyň belgisi** – bu döwletiň degişli edarasynda hasaba alnan hem-de kärhananyň, firmanyň resmi kagyzynda, at ýazgysynda ýa-da mahabatlandyrmasynda ýerleşdirilýän özboluşly çekilen surat, nyşan, etiketka we ş.m.-ler. Şeýle hem, şol haryda ýa-da kärhana dakylan at. Harydyň belgisiniň hasaba alynmagy onuň eýesine ony ulanmaga aýratyn hukuk berýär. Özüniň harydyny beýleki kärhanalar tarapyndan öndürilýän hem-de satylýan harytlardan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

**Hususy zähmet bölünişigi** – bu bölünişik aýry-aýry pudaklaryň we önümçiligiň arasynda emele gelýär. Mysal üçin, maşyn gurluşygy bilen metallurgiýanyň, çoýun eretmek bilen polat eretmegiň, maldarçylyk bilen ekerançylygyň we ş.m.-leriň arasyndaky zähmet bölünişikleri muňa degişlidir.

**Hyzmatdaşlyk kärhanasy** – onuň işine her bir agzasynyň şahsy gatnaşmagyna esaslanýan kärhana. Bu kärhananyň emlägi onuň agzalarynyň pul we emläk tölegleriniň hasabyna, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik girdejileriň we başga çeşmeleriň hasabyna emele getirilýär. Hyzmatdaşlyk kärhanasynyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 50 essesinden ybarat bolmalydyr. Hyzmatdaşlyk kärhanasyny dolandyrmak hyzmatdaşlyk kärhansynyň agzalarynyň umumy ýygnagy tarapyndan amala aşyrylýar.

**Hojalyk şereketi** – bilelikdäki işi amala aşyrmak üçin iki we ikiden köp şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplaryň birleşigi hasaplanylýar. Hojalyk şereketi ony esaslandyryjylaryň arasynda baglaşylýan şertnama esasynda döredilýär. Onuň emlägi hojalyk şereketine gatnaşyjylar bolan şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplaryň esaslyk maýadaky paýlaryň (goýumlaryň) birleşmeginiň hasabyna emele gelýär. Hojalyk şereketiniň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 100 essesinden ybarat bolmalydyr. Hojalyk şereketiniň ýokary edarasy oňa gatnaşyjylaryň umumy ýygnagydyr. Hojalyk şereketini dolandyrmagyň tertibi we onuň işlerini alyp barmak şereketiň düzgünnamasy bilen kesgitlenilýär.

**Hyrydarlyk (isleg)** – munuň özi pul bilen üpjün edilen isleg bolup, bu islegiň bazarda aňladylýan görnüşidir. Başgaça aýdylanda, hyrydarlyk tölege ukyply islegdir ýa-da alyjylaryň özlerine gerek harydy satyn almak üçin töläp biljek pulunyň jemidir.

**Habarlaşyk bahasy** – içerki we halkara söwdasynda lomaý bahanyň görnüşi. Preýskurant (bahalaryň sanawy) bahalary habarlaşyk bahasynyň aýratyn görnüşidir. Habarlaşyk baha adatça önümiň uly bolmadyk tapgyrlary gyssagly satyn alnan-satylýan mahalynda ulanylýar.

**Hasaplaşyk balansy** – bu şol döwletiň ähli pul talapnamalarynyň, borçnamalarynyň we maddy aktiwleriniň beýleki döwletleriň şol döwletde kesgitli

sene üçin bellenilen pul talapnamalary, borçnamalary hem-de maddy aktiwleri bilen gatnaşygy. Hasaplaşyk balansy döwletiň talapnamalarynyň we borçnamalarynyň ýylyň başyndaky ýagdaýyna umumy häsiýetnama berýär. Hasaplaşyk balansy pul görnüşinde düzülýär, şonuň bilen birlikde, daşary ýurt walýutalarynyň manatda hasaplanyp geçirilmegi walýuta koeffisentleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

**Halkara arbitraž** – Birleşen Milletler Guramasynyň tertipnamasyna laýyklykda, kaziýetiň kada-kanunçylygyny ulanmak arkaly döwletleriň arasyndaky dawalary parahatçylykly kadalaşdyrmak maksady bilen döwletara jedelleri çözmek üçin hereket edýär. Döwletleriň halkara ylalaşygy Halkara arbitražy guramak üçin esas bolup durýar. Halkara arbitražyň çözgütleri taraplar üçin hökmanydyr.

**Halkara hasaplaşyklar banky** – halkara walýuta hyzmatdaşlygyny guramak we oňa gatnaşmak wezipesini ýerine ýetirmek bilen birlikde, Merkezi banklar üçin arassa söwda amallaryny geçirmegi hem utgaşykly alyp barýan döwletara banky. Tertipnamasyna laýyklykda, esasy wezipeleriň ikisini ýerine ýetirýär: Merkezi banklaryň arasynda hyzmatdaşlyga ýardam edýär we halkara maliýe amallary üçin goşmaça amatly şertleri üpjün edýär, halkara maliýe ylalaşyklary amala aşyrylan mahalynda ynanylan tarap ýa-da wekil hökmünde hereket edýär.

**Halkara täzeden gurnalyş we ösüş banky** – bu bank 1945-nji ýylda döredildi, diňe Halkara Pul Gaznasynyň agzalary bolup durýan döwletler bu bankyň agzalary bolup bilýärler. Bu bank halkara karz guramasy bolup, esasy işi ösüp gelýän döwletlere uzak möhletli karzlary, döwlet we beýleki kärhanalara pes göterimli (ýyllyk 10 göterim) bermek bolup durýar.

**Halkara Pul Gaznasy** – bu gazna 1944-nji ýylda döredildi. Halkara karz guramasy bolup, Birleşen Milletler guramasynyň ýöriteleşdirilen maliýe guramasy hökmünde hereket edýär. Bu gaznanyň esasy maksady walýuta ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmekden, agza bolup durýan ähli ýurtlaryň halkara söwdasynyň giňeldilmegine we balanslaşdyrylmagyna ýardam etmekden, şeýle hem, agza bolup durýan döwletlere karzlary bermekden, maliýe we walýuta boýunça maslahatlary bermekden we beýlekilerden ybaratdyr.

**Halkara lizingi** – daşary döwletlerdäki kärhanalardan, firmalardan emläk satyn almaga we olary başga daşary ýurt kärhanalaryna, firmalaryna (müşderilere) uzak möhletleýin kärendesine bermäge ýa-da daşary ýurtlarda lizingi amala aşyrýan öz şahamçalaryny döretmäge mümkinçiligi bolan lizing kompaniýalarynyň görnüşidir.

**Hojalyk hasaplaşygy** – kärhanada ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyny aňladýar. Ol gatnaşyklaryň esasynda kärhananyň öz-özüni ödemegi, ýagny çykarylan önümi ýerleşdirmekden alnan hususy, öz girdejileriň bilen edilen çykdajylaryň öwezini dolmak ýatýar. Bazar gatnaşyklarynda hojalyk hasaplaşygy önümçiligiň netijeligini ýokarlandyrmak üçin has oňat şertleri döredýän ýörelgelere esaslandyrylandyr. Öz-özüni maliýeleşdirmek hojalyk hasaplaşygyň iň ýokary görnüşidir, şonda kärhana hususy öz gaznalarynyň we bankyň berýän karzlarynyň hasabyna önümçiligi hem-de sosial ösüşi üpjün etmelidir.

**Holding kompaniýasy** – başga kompaniýalara ýolbaşçylyk etmek we diwidendleri almak maksady bilen, olaryň gözegçilik paýnama bukjalaryny satyn almak üçin, öz maýa goýumlaryny ulanýan paýdarlar jemgyýeti.

**Hukuk usullary** – kärhananyň ýokary, ýerli guramalar, başga kärhanalar bilen, kärhanada ýolbaşçylaryň işgärler bilen we işgärleriň öz aralaryndaky gatnaşyklaryny hukuknamalar esasynda kadalaşdyrýar. Hukuk usullary 2009-njy ýylda kabul edilen „Türkmenistanyň Zähmet kodeksi» esasynda kadalaşdyrylýar.

**Hasap-spesifikasiýa** – maliýe resminamasy, ol hasabyň we spesifikasiýanyň wezipelerini birikdirýär. Hasap-spesifikasiýada haryt birliginiň bahasy onuň görnüşi we hili boýunça, ähli harytlar toplumynyň umumy bahasyny görkezýär. Hasap-spesifikasiýa toplumdaky harytlaryň assortimenti boýunça dürli bolan wagty ýazyp berilýär.

**Hususylaşdyrmak (priwatizasiýa)** – bu döwlet eýeçiligini, ýagny önümçilik serişdelerini, ulag serişdelerini, aragatnaşyk kärhanalaryny, jaýlary, ýeri, paýnamalary we beýleki zatlary puluna ýa-da mugtuna hususy eýeçilige bermekdir.

**J**

**Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi** – bu aýry-aýry öndürijileriň belli bir işe ýöriteleşmegine aýdylýar. Ol her bir işgäriň öz işini has kämil ýerine ýetirmegini, onuň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

**Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy** – bu kärhanalar hökmünde jemgyýetçilik birleşikleri, dini guramalar, haýyr-sahawat ýa-da gaýry jemgyýetçilik gaznalary tarapyndan döredilýän kärhanalar hasaplanylýar. Kärhanalary döretmek hukugy jemgyýetçilik guramalarynyň esaslandyryş resminamalarynda berkidilen bolmalydyr. Jemgyýetçilik guramalarynyň serişdeleriniň we (ýa-da) beýleki esaslandyryjylaryň serişdeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki pul we emläk serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasynyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 100 essesinden ybarat bolmalydyr. Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasyny dolandyrmagyň tertibi kärhananyň düzgünnamasy bilen kesgitlenilýär.

**Jogapkärçiligi çäkli şereket** – raýatlaryň, kärhanalaryň we ş.m.-leriň hojalyk işlerini bilelikde alyp barmak üçin birleşmesi; birleşmäniň başlangyç gaznasy diňe öz maýa goýumlaryna jogap berýän döredijileriň goýumlarynyň hasabyna emele gelýär.

**K**

**Kärende** – bu hojalygy alyp barmagyň bir görnüşi bolup, kärende berijiniň özüniň belli bir emlägini kärendesine alyja şertnama boýunça (wagtyny görkezmek bilen) töleg esasynda ýa-da başga şertler bilen bermegidir. Türkmenistanda kärendeçilik işine ähli pudaklarda we eýeçiligiň dürli görnüşinde ýol berilýär.

**Kärende tölegi** – kärenedesine alnan emlägiň peýdalanylmagy üçin kärendeçi tarapyndan tölenýän pul serişdeleriniň jemi. Kärende töleginiň derejesi birnäçe sebäplere, şol sanda kärendäniň möhletine, tolegiň şertlerine, müşderiniň karza ukyplylygyna, ulanyşynyň şertlerine, bank göteriminiň ululygyna, salgyt salmagyň häsiýetine, bazaryň we kärendesine berilýän emlägiň ýagdaýyna we beýlekilere baglydyr.

**Kooperatiw birleşikleriň eýeçiligi** – bu görnüşdäki eýeçilik onuň agzalarynyň berýän pul we beýleki emläk goýumlarynyň (paýlarynyň) önümçilik, söwda,

taýýarlaýyş işini etmekden, gymmatly kagyzlary satmakdan hem-de kooperatiwiň tertipnamasynda göz öňünde tutulan başga işleri ýerine ýetirmekden alnan girdejileriň hasabyna döredilýär. Kooperatiw birleşikleri alyjylar korporasiýasy, önümçilik kooperatiwleri we beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşlerinde bolup biler.

**Kärhana** – kanunçylyga laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerlemek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar boýunça jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýektine aýdylýar.

**Kärhananyň hukuk ýagdaýy** – munuň özi kanunçylyk tertibinde kärhananyň hukuk subýekti hökmünde hukuklarynyň we borçlarynyň berkidilen ulgamydyr. Kärhana döwlet belligine alnan pursatyndan başlap, hukuk subýektine öwrülýär. Kärhana öz adyndan hukuklara eýe bolýar we olary amala aşyrýar, öz üstüne borçlary alýar.

**Kärhananyň düzgünnamasy (tertipnamasy, ustawy)** – bu edara görnüşli tarap hökmünde kärhananyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän resminamadyr. Kärhananyň düzgünnamasy (tertipnamasy, ustawy) kärhananyň esaslandyryş resminamasy hasaplanylýar.

**Kärhananyň işiniň guramaçylyk-hukuk görnüşleri** – Türkmanistanda şu aşakdaky guramaçylyk-hukuk görnüşlerde iş amala aşyrylýar, ýagny:

- döwlet kärhanasy;
- ýekebara kärhana;
- hyzmatdaşlyk kärhanasy;
- jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy;
- hojalyk şereketi;
- paýdarlar jemgyýeti.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan başga guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhanalaryň hem döredilmegi göz öňünde tutulup bilner.

**Kärhananyň maliýesi** – bu ykdysadyýetiň ilkinji şahalarynyň çäginde önümçiligiň üznüksizligini üpjün edýän pul gaznalarynyň ulgamydyr. Ol gaznalary döretmegiň we peýdalanmagyň görnüşleri we usullary hem kärhananyň maliýesine girýär.

**Kärende potratçylygy** – bu döwlet kärhanalarynyň we beýleki kärhanalaryň içinde işgärleriň (kärendeçileriň) zähmetini we zähmetine hak tölemegi guramagyň görnüşidir. Kärende potratçylygy barada işgärleriň (kollektiwiň) kärhananyň ýolbaşçylygy (administrasiýasy) bilen baglaşýan şertnamasyna laýyklykda, kärendeçi işgärler (kollektiw) içerki hojalyk nyrhlary we tarifleri boýunça önümiň belli bir mukdaryny öndürmäge hem-de kärhana bermäge borçlanýar. Şol möçberden artyk öndürilen önüme kärendeçi işgärleriň (kollektiwiň) özbaşdak ygtyýarlyk etmäge hukugy bardyr.

**Kepillendirilen karzlar** – döwlet guramalarynyň we edaralarynyň adyndan bankyň ýa-da döwletiň zamunlygy (kepilligi) esasynda banklar, kärhanalar tarapyndan berilýän karz. Kepil hökmünde çykyş edýän banklar ýa-da döwlet edaralary bergidardan töleg gelip gowuşmadyk ýagdaýynda karz berijä belli bir möçberde pul tölemäge borçlanýarlar.

**Kartel** – bu adybir önümi öndürijileriň arasyndaky ylalaşyk bolup, ol bäsdeşlik göreşini sazlamagy, onümçilikde we şol önümiň ýerlenýän bazasynda monopoliýany berkarar etmegi hem-de onuň netijesi hökmünde ýokary nyrhlaryň bellemegi we monopoliýa girdejilerini almagy maksat edinýär. Ylalaşyga gatnaşyjylar önümçilik we täjirçilik taýdan özbaşdaklygyny saklaýarlar, olaryň hereketleriniň erkinligi diňe ylalaşyga girizilen meseleler bilen çäklendirilýär. Kartel ylalaşyklara bir we birnäçe ýurtlaryň monopoliýalary girip bilerler. Munuň özi dünýä bazarynyň iri monopoliýalaryň arasynda ykdysady taýdan bölünmegine, dünýä nyrhlarynyň bellenilmegine getirýär.

**Kwota (hak, paý)** – önümi öndürmäge, ýerlemäge, eksport we import etmäge gatnaşmagyň milli ýa-da halkara kartel ýa-da beýleki ylalaşyklara girýän kärhanalar (halkara walýuta gaznasyndaky, ätiýaçlandyryşdaky we beýlekiler) üçin bellenilýän paýy. Girdeji kwotanyň möçberine laýyklykda paýlanylýar we onuň ýokarlandyrylmagy üçin jerime tölenilýär. Kwotany bellemegiň maksady aşa köp monopoliýa girdejilerini almagyň önümi ýerleşdrilişini käwagt bolsa önümiň öndürilişini çäklendirmekden ybaratdyr.

**Kliring** – bu özara talaplary we borçnamalary hasaba almak ýoly bilen nagt pulsuz edilýan hasaplaşyklaryň ulgamy. Ýurduň içinde kliring banklaryň arasynda hasaplaşyk merkezleriniň (palatalarynyň) üsti bilen amala aşyrylýan nagt pulsuz edilýän hasaplaşyklaryň ulgamydyr. Halkara hasaplaşyklarynda kliring özara talaplary hasaba almak ýoly bilen (altyn bilen tölemezden ýa-da daşary ýurt walýuta amallaryny geçirmezden) daşary söwda amallaryndan gelip çykýan birek-birege bergini üzlüşmek hakynda döwletleriň arasyndaky ylalaşyklar görnüşinde (kliring ylalaşyklary, walýuta kliringi) amala aşyrylýar.

**Konsorsium** – gymmatly kagyzlary bilelikde ýerleşdirmek, uly möçberli maliýe ýa-da söwda amallaryny geçirmek, iri senagat gurluşygyny amala aşyrmak, önüm öndürilişini artdyrmak üçin birnäçe banklaryň ýa-da senagat kärhanalarynyň arasyndaky wagtlaýyn ylalaşyk.

**Konsern** – ylmy-tehniki we önümçilik taýdan ösüşiň wezipelerini meýletin merkezleşdirmegiň esasynda bilelikdäki işi, maýa goýum, maliýe, tebigaty goramak, daşary ykdysady işini, şeýle hem kärhanalara hojalyk hasaplaşygynda hyzmat etmegi amala aşyrýan kärhanalaryň birleşigi.

**Konýunktura** – bazarda emele gelen ykdysady ýagdaý bolup, ony şu aşakdakylar: islegiň we teklibiň arasyndaky gatnaşyk, bahalaryň derejesi, harytlaryň ätiýaçlyklary, pudak boýunça önümleri ýerlemegiň şertnamalary we beýleki ykdysady görkezjiler häsiýetlendirýär.

**Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri** – dolanyşyk gaznalarynyň we aýlanyşyk serişdeleriniň jemi. Kärhananyň önümçilikdäki dolanyşyk serişdeleri, dolanyşyk gaznalary diýlip atlandyrylýar. Aýlanyşyk sferasynda hyzmat edýänleri bolsa aýlanyşyk serişdeleri diýilip atlandyrylýar. Dolanyşyk serişdeleri maddy we pul serişdelerine bölünýär. Maddy serişdeleri: esasy materiallary we satyn alynýan önümleri, ýangyjy, energiýany, gaplary, enjamlara bejeriş işini geçirmek üçin ätiýaçlyk şaýlary, az gymmatly we çalt könelýän zatlary, gutarylmadyk önümçiligi, geljek döwürleriň harajatlaryny, taýýar önümiň, ammardaky ätiýaçlyklaryny öz içine alýar. Sarp edijilere ugradylan harytlar, hasaplaşyklaryň pul serişdeleri, kärhananyň

kassasyndaky hem-de bankdaky hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri we başgalar girýär.

**Kärhananyň esasy serişdeleri** – zähmet guraly bolup, önümçiligiň barşynda köp ýyllap ulanylýar we öndürilen önümlere öz gymmatyny kem-kemden geçirýär. Önümçilik serişdeleriniň hyzmat ediş möhleti bir ýyldan ýokary bolup, bahasy iki minimal zähmet hakyndan ýokary bolmaly. Buhgalter hasabynda önümçilik serişdeleri 01 hasapnamada hasaba alnyp, ol ilki başdaky bahasynda hem-de könelişi aýrylandan soň galan bahasynda görkezilýär.

**Karz maýalarynyň halkara bazary** – ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolup, karz maýalarynyň toplanmagy we ýerleşdirilmegi boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda emele gelen gatnaşyklardyr. Bu ulgama daşary ýurt karz alyjylara karz serişdelerini berýän maliýe-karz edaralary we gazna (fond) biržalary girýär.

**Kepillendiriji bank** – görkezilen möhletde pul möçberini tölemedik ýagdaýynda öz müşderisi üçin tölegi geçirmegi kepillendirýän we borçlanýan bank.

**Kwotalaşdyrmak** – harydyň önümçiliginiň, eksportynyň we importynyň mukdar taýdan çäklendirilmegi (fiziki möçberi ýa-da nyrhy boýunça). Halkara söwdany kadalaşdyrmak maksady bilen döwletara we milli döwlet edaralary tarapyndan girizilýär, şeýle hem içerki söwda we tölegler bilen baglanyşykly bolýar. Bu amal kesgitlenen import we eksport kwotalary boýunça ygtyýarnama arkaly amala aşyrylýar, olaryň nusgasy gümrük maksatlaryna zerur bolan beýleki resminamalar bilen bilelikde gümrük jarnamasyna (deklarasiýasyna) goşmaça görnüşde berkidilýär.

**Konwersiýa** – hereket edýän alyş-çalyş hümmeti boýunça bir walýutanyň beýlekisine çalşylmagy; walýutalary döwletler bergi borçnamasyny täzesi bilen çalyşmak, töleg möhletini we bergi borçnamasy boýunça göterimiň möçberini üýtgetmek üçin çalyşylýar.

**Karz** – karz beriji tarapyndan karz alyja bermek şerti bilen, köplenç karzdan peýdalanylandygy üçin karz alyjynyň göterim tölemegi esasynda berilýän pul ýa-da haryt. Karzyň şu esasy görnüşleri tapawutlandyrylýar: gysga möhletli, uzak möhletli, döwlet karzy, bank karzy, sarp ediş karzy, täjirçilik halkara (daşary ýurt) karzy, ipoteka karzy.

**Karz (kredit) karty** – nagt däl hasaplaşyklar üçin harydyň bahasyny tölemek baradaky sargydy hasaplaşyk proses merkezine geçirýän, kompýuter enjamlary bilen abzallaşdyrylan, bölek satuw söwda ulgamynda harytlary we hyzmatlary karzyna satyn almak üçin emitent banklar tarapyndan öz goýumçylaryna berilýän şahsylaşdyrylan plastik kart görnüşli atly töleg-hasaplaşyk serişdesi.

**Karz syýasaty** – Merkezi bank we döwlet tarapyndan karz-pul ulgamynda amala aşyrylýan hem-de belli bir ykdysady we syýasy maksatlara ýetmeklige gönükdirilen çäreleriň ulgamy.

**Karz ulgamy** – karz gatnaşyklarynyň, karzlaşdyrmagyň görnüşleriniň we usullarynyň jemi, şonuň ýaly-da karz edaralarynyň ulgamy.

**Kärhanany lomaý nyrhy** – döwlet kärhanalarynyň öz önümlerini biri-birlerine ýa-da üpjünçilik-ýerleşdiriliş guramalaryna ýerlenende ulanylýan nyrh (goşulan baha üçin salgyt goşulmazdan).

**Kärhananyň içindäki nyrhlar** – sehleriň önümçilikde sarp edilýän materiallarynyň we önümleriniň, esasan, kärhananyň içerki bölüm birleikleriniň hojalyk hasaplaşygyny guramak üçin peýdalanylýan hasaplaşyk ýa-da şertli nyrhlary.

**L**

**Lomaý baha –** haryt ýekelikde sarp edijä satylanda bellenilýän bölek-satuw nyrhyndan tapawutlylykda, ol söwda we senagat kärhanalaryna uly tapgyrlar bilen (lomaý) satylýan mahalynda haryt üçin bellenilýän baha bolup, lomaý baha özüniň düzümi boýunça önümiň özüne düşýän gymmatyny, kärhananyň peýdasyny, satyjy guramanyň harajatlaryny we peýdasyny öz içine alýar. Eger harydyň belli bir görnüşi boýunça goşulan gymmata salgyt salynýan bolsa, onda lomaý baha şol salgyt hem girýär.

**Limit bahalary –** önümiň çykarylyşyny bazis çykarylyşy bilen deňeşdirilende arzanlatmagy üpjün edýän we taýýarlaýyjyny onuň önümçiligi üçin minimal çykdajylary etmäge höweslendirýän, ýagny berlen tehniki-ykdysady parametrleri bar bolan täze tehnika üçin aňryçak ýol bererlikli bahalar. Bu bahalar täze önümleriň taslamasy düzülýän döwründe ulanylýar.

**Lizing –** bu maşynlaryň, enjamlaryň, ulag serişdeleriniň, önümçilik maksatlary üçin niýetlenilen desgalaryň uzak möhletleýin (6 aýdan birnäçe ýyla çenli) kärendesine berilmegidir. Ösen döwletlerde ýeri we beýleki gozgalmaýan emlägi kärendesine bermek tejribä girizilýär. Kärende hakyndaky şertnama emlägiň kärendesine berilýän möhletini, emlägiň peýdalanylandygyny üçin kärende töleginiň möçberini, taraplaryň emlägi gurat ýagdaýda saklamak baradaky borçnamalaryny, ony eýesine gaýtaryp bermegiň tertibini we beýlekileri öz içine alýar. Bazar ykdysadyýetinde lizingiň birnäçe görnüşleri hereket edýär: bank lizingi, maliýe lizingi, halkara lizingi we ş.m.-ler.

**Likwidlilik –** kärhananyň, bankyň we beýlekileriň aktiw maddalarynyň passiw boýunça borçnamalary tölemek üçin pula öwrülmek mümkinçiligi hem-de harytlary ýerlemegiň, satmagyň, maddy gymmatlyklary nagt pula öwürmegiň usuly.

**Lisenziýa (ygtyýarnama, rugsat haty) –** bu söwda tejribesinde eksport we import amallaryny amala aşyrmak we olara gözegçilik etmek üçin döwlet tarapyndan berilýän ygtyýarnama. Onuň iki görnüşi – eksport we import üçin lisenziýa hem-de patent lisenziýasy hereket edýär. Patent lisenziýasy – munuň özi haýsydyr bir oýlap tapyşyň eýesi tarapyndan satyn alyja oýlap tapyşyň kesgitli wagtyň dowamynda ulanylmagy üçin berilýän rugsatdyr. Lisenziýalary satmak bazar ykdysadyýetinde harytlary satmak bilen bir hatarda, içerki we daşarky bazarlarda esasy amallaryň birine öwrüldi.

**M**

**Makroykdysadyýet –** bu ykdysadyýetiň hereket etmegine, umumy ykdysady üýtgetmelere umumy düşünje berýän ylym bolup, ykdysady ösüşleri, ykdysady netijeliligi, söwda balansyny, bahalaryň derejesini we beýlekileri öwredýär.

**Mikroykdysadyýet** – bu ykdysadyýetiň aýratyn subýektlerine (öý hojalyklaryna, kärhanalara, firmalara we ş.m.-lere) seljerme berýän ylymdyr.

**Milli walýuta** – bu kanun tarapyndan şol ýurdyň töleg we hasaplaşyk serişdesi hökümünde yglan edilen pul birligidir. Halkara hasaplaşyklarynda ulanylýan milli

pul birliginiň adyny „walýuta“ diýip tutýarlar. Halkara hasaplaşyklarynda köplenç daşary ýurt walýutalary ulanylýar. Walýuta bazarlarynda alyp-satmagyň esasy obýekti bolup daşary ýurt walýutasy çykyş edýär.

**Merkantilizm** – bu ykdysady nazaryýetiň ilkinji teoretiki esasy bolup, ol natural hojalygynyň jümmüşinde dörän bazar gatnaşyklarynyň ilkinji teoretiki ugrudyr. Merkantilizmiň öwredişine görä, jemgyýetiň baýlygynyň esasy çeşmesi söwda, esasan hem köp girdejili daşary söwda bolupdyr. Ýagny, merkantilizm ýurduň baýlygynyň altyn we kümüş pullarda jemlenmegidir. Onuň çeşmesi bolsa daşary söwdadyr.

**Moral taýdan könelme** – bu esasy gaznalaryň öndürijilikli häsiýetini ýitirmezligine garamazdan, özüniň gymmatynyň bir bölegini ýitirmegidir.

**Monopoliýa** – grek sözi bolup, önümçiligiň, söwdanyň ýa-da işleriň beýleki görnüşleriň biriniň belli bir toparyň ýa-da döwletiň elinde jemlenmegini aňladýar.

**Monopoliýa garşy kanunçylyk** – bu monopoliýanyň hereket etmegini we onuň ösmegini gadagan edýän kanun.

**Marketing** – bazaryň ýagdaýyny hemme taraplaýyn öwrenmegiň esasynda kärhanany dolandyrmak ulgamyna aýdylýar. Başgaça aýdylanda, kärhanalaryň işini bazaryň taraplaryna laýyklykda guramakdyr. Marketing ulgamynda bazary çuňňur we hemme taraplaýyn öwrenmek girdejileriň (peýdanyň) alynmagynyň hem-de olaryň artmagynyň esasydyr.

**Monopol baha** – harydyň bazar bahasynyň monopoliýalar tarapyndan önümçiligiň bahasyndan ýa-da harydyň gymmatyndan ýokary ýa-da pes derejede bellenilýän we olara artyk girdeji almagy üpjün edýän aýratyn görnüşidir. Öz kärhanalarynyň öz ýurtlaryndaky hem-de ösýän ýurtlardaky ownuk öndürjilerden satyn alynýan harytlar üçin arzan bahalaryň goýulmagy hem muňa degişlidir.

**Möwsümleýin baha** – oba hojalyk önümleri (gök önümler, miweler) üçin satyn alyş we bölek-satuw bahasynyň görnüşi. Bu baha möwsüme baglylykda üýtgeýär.

**Maliýe** – bu ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolup, şol gatnaşyklarda merkezleşdirilen pul gaznalarynyň emele gelmegini, onuň bölünmegini we ulanylmagyny ýola goýýar. Onuň esasy maksady döwletiň öňünde durýan maksatlaryny we wezipelerini ýerine ýetirmek bolup durýar.

**Maliýe syýasaty** – bu döwletiň maliýe serişdeleriniň ykdysadyýeti, syýasaty, durmuş-ykdysady ugurlary ösdürmek üçin edýän işleriniň uzak wagtlaýyn maksatnamasyndan ybaratdyr. Maliýe syýasaty maliýe gatnaşyklary ýola goýmakdan we edara görnüşli taraplaryň maliýe işini dolandyrmagy ýola goýmakdan ybaratdyr.

**Maliýe ulgamy** – bu döwletiň we kärhanalaryň pul gaznalarynyň emele gelşini, bölünişini we ulanyşyny görkezýän ulgamdyr. Häzirki döwürde umumy döwlet maliýe ulgamy halk hojalygynyň ösmeginde esasy orun tutýar. Bu ulgamyň üsti bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasynda sebitleriň önümçiliginiň, önümçilik däl ugurlarynyň ösdürilmegi, şol sanda raýatlaryň arasynda maliýe serişdelerini täzeden bölünmegi amala aşyrylýar.

**Maliýe serişdeleri** – bu döwletiň we kärhanalaryň belli bir maksada ýetmek üçin gönükdirilen pul gaznalarydyr. Maliýe serişdeleriniň ösmeginiň esasy şerti bolup milli girdejiniň ösmegi çykyş edýär. Döwletiň maliýe serişdeleri jemi maliýe

balansda görkezilýär. Ol döwletiň býujet ulgamynyň serişdelerini, býujetden daşary gaznalaryň we kärhanalaryň dürli gaznalaryny öz içine alýar.

**Maliýe dolandyrylyşy** – bu maliýe babatyndaky dolandyryşy amala aşyrýan edaralar bolup, oňa döwletiň ýokary kanun çykaryjy edarasy bolup durýan Mejlis, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we onuň ýerlerdäki guramalary, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Gümrük gullugy we dürli eýeçilikdäki kärhanalaryň maliýe bölümleri girýär.

**Maliýe gözegçiligi** – bu maliýe dolandyryş ulgamynyň bir bölegi bolup, ykdysady subýektleriň (döwlet we sebitleýin dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň) maliýe işine maliýe gözegçiligini amala aşyrmakdan ybaratdyr. Mundan başga-da, maliýe gözegçiliginiň üsti bilen maliýe-hojalyk işinde kanunçylygyň berjaý edilişine, çykdajylaryň dogry harç edilişine we maliýe-hojalyk işiniň ykdysady netijeliligine gözegçilik amala aşyrylýar.

**Maliýe mehanizmi** – bu döwlet tarapyndan maliýe gatnaşyklaryny ýola goýmak üçin goýulýan ugurlardan ybaratdyr. Döwlet tarapyndan maliýe gatnaşyklary ýörite guramalar tarapyndan sazlaşdyrylýar (salgyt, döwlet karzy, býujet hadysasy we ş.m.-ler). Şol bir wagtyň özünde maliýe gatnaşyklary kärhanalar tarapyndan kanunçylyk esasynda özbaşdak amala aşyrylýar.

**Maliýe bazary** – bu gysga, orta we uzak möhletli karzlaryň we gazna gymmatlyklarynyň bazarydyr. Muňa paýlar, obligasiýalar we beýleki gymmatly kagyzlar girýär. Gymmatly kagyzlaryň birinji we ikinji bazary hereket edýär. Birinji bazarda täze gymmatly kagyzlar dolanyşyga goýberilýär, ikinji bazarda bolsa öň goýberilen gymmatly kagyzlar täzeden satuwa çykarylýar.

**Maliýe görkezjileri** – bu kärhananyň pul gatnaşyklarynyň emele gelşini we ulanylyşyny dürli taraplar boýunça görkezýän maglumatlardyr.

**Maýa goýumlar** – girdeji almak maksady bilen şahsy we döwlet maýasyny milli ykdysadyýetiň (içerki maýa goýumlar) ýa-da daşary ýurt ykdysadyýetiniň (daşary ýurt maýa goýumlary) dürli pudaklaryna uzak möhletleýin goýmak. Maýa goýumlar maliýe (portfel) we real maýa goýumlara bölünýär. Maliýe (portfel) maýa goýumlar – munuň özi paýnamalarda, obligasiýalarda, hususy telekeçiler, kärhanalar we döwlet tarapyndan çykarylan beýleki gymmatly kagyzlarda ýerleşdirilen goýumlardyr, şeýle hem bank depozitleridir. Real maýa goýumlar – munuň özi esasy maýany we maddy-önümçilik ätiýaçlyklary ösdürmek üçin goýumlardyr.

**Maýa goýum syýasaty** – bu ykdysady syýasatyň bir şahasy bolup, düýpli maýa goýumlarynyň möçberini, düzümini we ugruny, esasy gaznalaryň ösüşini hem-de olaryň ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlarynyň esasynda täzelenişini kesgitleýän çäreleriň ulgamydyr.

**Maýa goýumçy** – maýa goýumyny goýmagy amala aşyrýan adam, kärhana ýa-da döwlet. Goýumlar ady ýazylan we görkezme görnüşlerinde hereket edýär. Talap edilýänçä goýumlar goýlanda şertnamada onuň saklanmaly wagty görkezilmeýär, möhletli goýumlar belli bir möhletlere goýulýar.

**Monetarizm** – bu ykdysady teoriýa bolup, döwleti ykdysady taýdan dolandyrmagy aňladýar. Döwletiň ykdysady ösüşiniň barşynda, hojalygy alyp barmakda kesgitleýji ýagdaý bolup, puluň dolanyşykdaky möçberiniň we puluň massasynyň haryda bolan gatnaşygyny aňladýar. Bu teoriýany öwrenijiler

ykdysadyýete täsir etmegiň esasy diýip, puluň emissiýasynyň, milli walýuta birliginiň kursunyň, karz göterimleriniň, salgydyň derejeleriniň, gümrük tarifleriniň sazlaşdyrylmagynyň hasaplaýarlar.

**Mahabatlandyrma (reklama)** – munuň özi ozaly bilen täjitçilik maglumatlarydyr. Ol mahabatlandyrma geçirýäniň hasabyna mahabatlandyrýan harytlara we hyzmatlara islegi döretmek maksady bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dürli ugurlary (metbugatda bildirişleri bermek, radio we telewideniýe) arkaly alyjylaryň dykgatyna ýetirilýär. Mahabatlandyrma marketingiň möhüm we esasy bölegini düzýär.

**Maliýe lizingi** – lizingiň has giň ýaýran görnüşi bolup, onda kärendäniň möhleti geçenden soňra lizing kärhanasy kärende tölegi görnüşinde enjamlaryň doly bahasyny, şeýle hem kärhananyň çeken beýleki harajatlaryny we peýdany alýar.

**Menejment** – önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak we peýda almak maksady bilen, önümçiligi dolandyrmagyň ylmy esaslaryny, dolandyryş ýörelgeleriniň usullaryny, serişdelerini we görnüşlerini ulanmagyň jemidir.

**Menejer -** bazar ykdysady gatnaşyklarynda önümçiligi, harydyň aýlanşygyny dolandyrýan hünärmen. Menejer kärhanada işi ýola goýujy bolup, önümçiligi dolandyrmak boýunça işi alyp barýar. Menejer kärhananyň ýokary dolandyryş işgärleriniň düzümine girýär.

**Menejmentiň çözgüdi** – bu belli bir döwür üçin kärhananyň maksadyny kesgitleýär we oňa ýetmegiň usullaryny beýan edýär. Çözgütler dilden ýa-da ýazmaça buýruk, karar, düzgünnama görnüşinde aňladýar.

**Menejmentiň tehnologiýasy** – dolandyryşy ýerine ýetirmekde ulanylýan tärleriň toplumy bolup, esasy maksady bölümleriň we işgärleriň arasyndaky özara hereket baglanyşlaryny kesgitleýär.

**Menejmentiň usullary** – öňde duran wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmäge ýardam berýän durnukly we netijeli ugurlar, tärler.

**Maglumatlar** – ylmyň ösüşinde we dolandyryş tejribesinde toplanýan peýdaly maglumatlar, habarlar. Olaryň möçberini tehniki-ykdysady görkezjileriň kömegi bilen ölçemek bolýar.

**Makler** – gazna (fond) we haryt biržalarynda geleşikleri geçirmek boýunça taraplaryň arasyndaky araçy. Makler amallaryň belli bir görnüşlerine ýöriteleşdirilen, edara görnüşli tarap bolup, müşderileriň hasabyna we olaryň sargydy boýunça çykyş edýär. Makler birža komiteti tarapyndan kesgitlenen pul ýygymlaryny edilen işiň mukdaryna görä alýar.

**Marža** – bu düşünje söwda, birža, ätiýaçlandyrma we bank tejribesinde harytlaryň bahasynyň aratapawudyny, gymmatly kagyzlaryň hümmetiniň, göterim derejesiniň we beýleki görkezjileriniň aratapawudyny aňlatmak üçin ulanylýar. Söwdada marža harydyň satyn alyş we satylyş bahasynyň aratapawudydyr. Möhletli gazna amallarynda marža satyn alyjynyň bahasynyň we satyjynyň bahasynyň aratapawudydyr.

**Monetar düzgüni** – bu düzgüne laýyklykda, dolanşykdaky pul toplumynyň her ýylda ösüş depgini hakyky jemi milli önüminiň mümkin bolan ösüş depgini bilen deň bolmaly. Ykdysadyýeti ösen ýurtlar üçin bu ösüş depgini ýylda takmynan 3-5%-e deňdir.

**Milli pul ulgamy** – pul çykarmagyň we pul dolanyşygyny guramagyň ýurtda taryhy taýdan emele gelen hem-de hukuk kadalary arkaly berkidilen usullary we görnüşleri.

**Makrohyrydarlyk** – haryt toparlaryna ýa-da jemgyýetde öndürilýän ähli harytlara tutuşlygyna bildirilýän hyrydarlyk.

**Mikrohyrydarlyk** – anyk bir haryt sanawyna bildirilýän hyrydarlyk.

**Maliýeleşdiriş** – bütin ýurduň, sebitleriň, kärhanalaryň, raýatlaryň hojalyklarynyň, şonuň ýaly-da dürli ykdysady maksatnamalaryň we ykdysady işiň görnüşleriniň zerur maliýe serişdeleri bilen üpjün edilmegi.

**Monopoliýalaýyn nyrh** – bazarda monopolistler, monopolistik birleşikler tarapyndan aşa peýda gazanmak maksady bilen bellenilýän nyrh.

**Möwsümleýin nyrhlar** – käbir oba hojalyk önümleriniň (mysal üçin, gök önümleriň, miweleriň) satyn alyş ýa-da bölek-satuw nyrhlarynyň görnüşi, olar möwsüme baglylykda üýtgeýär.

N

**Natural hojalyk** – öndürijileriň diňe öz isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen alyp barýan önümçiligine aýdylýar. Bu hojalyga ýapyklyk, çäklilik, daşky dünýä bilen baglanyşyksyzlyk ýaly häsiýetler mahsusdyr. Ol ilkidurmuş obşina, gul eýeçilik we feodal önümçilik usullarynda hojalygy alyp barmagyň esasy görnüşidir. Bu hojalyk jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň gowşak ösen şertlerinde agdyklyk edýär.

**Nominal zähmet haky** – bu işçileriň belli bir wagt aralygynda ýerine ýetirilen işler üçin alan pul serişdeleriniň jemidir.

**„Nou-hau“** („nätmelidigini bilýärin“) – önümçiligiň hereket etmegi üçin zerur bolan ylmy-tehniki, täjirçilik, guramaçylyk bilimleri. Önümçiligiň syrlaryndan tapawutlylykda „nou-hau“ patentleşdirilmeýär, çünki özüniň ep-esi böleginde belli bir tärlerden, endiklerden we ş.m.-lerden ybaratdyr. Belli bir önümçilik hadysasy bilen baglanyşykly „nou-hau“ ol ýa-da başga bir firmanyň eýeçiligidir we şoňa laýyklykda satuw-satyn alyş predmetine öwrülýär.

**Nagt däl hasaplaýyklar / nägt däl pul dolanyşygy** – bu pul serişdeleriniň saklanmagynyň we hereket etmeginiň nagt pullar gatnaşmazdan, pullaryň bankdaky hasaba geçirilmegi we töleýjiniň hasabyndan alyjynyň hasabyna geçirilmegi arkaly amala aşyrylýan görnüşidir. Nagt däl hasaplaşyklaryň hemmesi banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar, şonuň üçin hem nagt däl dolanyşykdaky puly gözegçilikden we salgyt salmakdan ýaşyrmak kyndyr.

**Nominal** – gymmatly kagyzyň onuň blankasynda (sertifikatda) bellenilen gymmaty (hümmeti).

**Nyrhyň emele gelşi** – harytlara we hyzmatlara nyrhyň döreýiş, emele geliş hadysasy, ol ozaly bilen tutuşlygyna nyrhlary bellemegiň ähli harytlara degişli usullary, tärleri bilen häsiýetlendirilýär.

**Nyrhlaryň erkine göýberilmegi** – bellenilýän döwlet nyrhlaryndan (döwlet nyrh emele getirilişinden) erkin bazar nyrhlaryna, bazar nyrh emele gelşine geçilmegi.

## O

**Obligasiýalar** – munuň özi olary çykaranyň görkezilen möhletde kesgitlenen göterimi tölemek bilen, gymmatyny eýelerine gaýtaryp bermek baradaky borçnamasyny tassyklaýan gymmatly kagyzlardyr. Bu gymmatly kagyzlar kärhanalar we döwlet tarapyndan goýberilip bilner. Obligasiýalaryň goýberilmegi karzyň bir görnüşi bolmak bilen, goşmaça maliýe serişdelerini toplamak üçin ulanylýar.

**Operatiw lizing** – bu gysga möhletli kärende bolup, tehniki taýdan hyzmat boýunça, ammar işleri boýunça, ulag serişdelerini (awtoulaglary), öý işleri we başgalar boýunça hyzmat etmegi öz içine alýar.

**Owerwot** – harytlaryň belli bir görnüşine bahalaryň ýokarlanmagy, bu ýagdaý ol harytlaryň uly möçberde satyn alynmagy sebäpli ýüze çykýar.

**Opsion** – 1) Şertnamanyň gatnaşyjysyna belli bir görnüşlerden saýlap almak hukugy. Daşary söwda geleşiklerinde satyjynyň opsiony (harytlaryň sany, haryt toplumynyň mukdary, üpjün etmegiň möhleti, portdan ýükläp ugratmak boýunça), şeýle hem, satyn alyjynyň opsiony (tölegiň usullary, portdan düşürmek boýunça we beýlekiler) bolup biler. 2) Şertnamada, kesgitlenen wagtyň içinde belli bir harydy bellenilen bahasy boýunça satyn almak ýa-da satmak hukugy göz öňünde tutulýar.

**Oferta** – satyjynyň satyn alyja kesgitlenmedik şertlerde haryt toplumyny satmak baradaky teklibi. Bu teklibi beren firma oferent diýlip atlandyrylýar. Ofertada geleşikleriň esasy şertleri görkezilýär: harydyň ady, onuň sany, hili, üpjün etmegiň bazis şertleri we onuň möhleti, tölegiň şertleri. Oferta belli bir firmalara ýüzlenen bolmaly.

**Offşor merkezleri** – daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen, döwlet tarapyndan maliýe-karz pudagyna ýeňillikleriň berilmegi göz öňünde tutulan merkezler (zolaklar). Bu merkezlerde (zolaklarda) ähli amallar diňe daşary ýurt pulunda geçirilýär.

## Ö

**Öndürişiň bahasy** – harydyň nyrhynyň, önümçiligiň harajatlarynyň we öndürijiniň peýdasynyň jemine deň bolup, önümçilik harajatlary bilen şertlendirilen dolanyşyk harajatlaryny öz içine almaýan bölegi.

**Önümiň nyrhy** – önümiň gymmatynyň pul görnüşinde aňlatmasy.

**Öndüriji güýçler** – bu önümçilik serişdeleri hem-de olary özüniň zähmeti bilen herekete getirýän adamlar. Zähmetkeş adamlar jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüdir. Sebäbi zähmet serişdelerini we zatlaryny olaryň hut özleri döredýärler we herekete getirip, maddy nygmatlary öndürýärler. Öndüriji guýçleriň ösmegi we kämilleşmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginler bilen ösmegine mümkinçilik döredýär. Muňa Türkmenistanda Galkynyş zamanasynda durmuş-ykdysady özgertmeleriň, ýagny „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegi 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli Maksatnamasy güwä geçýär.

**Ösen haryt önümçiligi** – bu önümçilik ykdysadyýeti doly öz içine almak bilen, ähliumumy häsiýete eýedir. Önümçilikde ulanylýan zähmet gurallary kämilleşen we hakyna tutma zähmete hem-de barha ösýän tehnika esaslanýar. Bu

önümçilikde işçi güýji hem haryda öwrülýär. Bu önümçilik jemgyýetçilik zähmet bölünişigine esaslanýar, öndürijiler bolsa ykdysady taýdan erkindirler.

**Önümçiligiň bahasy** – harydyň gymmatynyň özgerdilen görnüşi. Ol önümçilik harajatlaryny we bütin awansirlenen maýa üçin ortaça girdejini öz içine alýar. Ösen döwletlerde harytlaryň köp bölegi özleriniň gymmaty boýunça däl-de, eýsem önümçiligiň bahasy boýunça satylýar. Önümçilik bahasynyň esasyny gymmat emele getirýär. Aýratynlykda alnan harydyň önümçilik bahasy gymmatdan gyşaryp biler, emma ähli harytlaryň önümçilik bahasynyň jemi gymmatyň jemine deňdir.

**Önümiň ömür döwri** – önümiň işlenip taýýarlanmagynyň başlanmagyndan onuň sarp ediş ulgamynda gutarnykly çykmagyna çenli bolan wagt. Önümiň ömür döwrüniň nusgasyna laýyklykda harytlar bazarda çäklendirilen wagtda satylýarlar. Önümiň ömür döwrüniň hem-de onuň aýry-aýry döwürleriniň öwrenilmeginiň, ylmy barlaglaryň, önümi özleşdirmegiň başlanýan pursatyny we beýlekileri kesgitlemek bilen baglanyşykly işiň geljek döwür üçin çäreleriň meýilnamasyny işläp düzmek üçin uly ähmiýeti bardyr.

**Önümiň bäsdeşlige ukyby** – bu önümiň hil görkezjilerini esasy nusganyň degişli görekezjileri bilen deňeşdirmek arkaly önümiň bäsdeşlik etmäge ukyplylyk derejesine baha bermegi göz öňünde tutýan usullardyr. Bäsdeşlik etmäge ulyplylyk derejesine baha bermegiň hemme taraplaýyn we gatyşyk usullary ulanylýar.

**Öz-özüni ödemek** – bu kärhanalaryň girdejileriniň çykdajylaryndan artyk bolmagyny göz öňünde tutýan iňňän möhüm ýörelgeleriň biri. Öz-özüni ödemek kärhananyň zyýan çekmän işlemegini göz öňünde tutmak bilen çäklenmän, eýsem onuň býujete tölegleri tölemek we önümçiligi ösdürmek üçin zerur serişdeleri emele getirmek üçin ýeterlik möçberde girdejileri almagyny hem göz öňünde tutýar.

**Öz-özüni maliýeleşdirmek** – bu hojalygy ýöretmegiň usuly bolup, onuň düýp manysy býujetiň serişdelerini önümçiligi giňeltmek boýunça çykdajylary ýapmaga çekmekden ýüz döndermekden ybaratdyr. Öz-özüni maliýeleşdirmek bu hereket edýän kärhanalarda önümçiligi tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, täzeden dikeltmek we giňeltmek baradaky çykdajylaryň hemmesiniň olaryň hususy öz maýalarynyň ýa-da bankyň karzlarynyň hasabyna maliýeleşdirilmegidir. Bazar ykdysadyýetinde peýdanyň kärhanada galýan bölegi we amortizasiýa gaznasy düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

**Önümiň özüne düşýän gymmaty** – bu kärhananyň önümi öndürmek we ýerlemek üçin edilen çykdajylarynyň pul bilen aňladylmagydyr. Ol çykdajylara, maddy çykdajylar, işgärleriň zähmet haky, amortizasiýa we beýlekiler girýär. Kärhanalarda kesgitli belli bir döwür içinde çykarylan harytlyk önümiň özüne düşýän gymmaty we bir önümiň özüne düşýän gymmaty tapawutlandyrylýar.

**Öndürijilik** – goýberilen önümiň möçberiniň (gymmat görnüşinde) sarp edilen serişdeleriň umumy gymmatyna bolan gatnaşygy.

**Önümçiligiň netijeliligi** – öndürilen önümiň bazar nyrhy boýunça hasaplanan umumy gymmatynyň bu önümleri öndürmek üçin çykdajylaryň jemine bolan gatnaşygy.

**Önümiň hili** – adamyň we jemgyýetiň belli bir talaplaryny kanagatlandyryş derejesini kesgitleýän, zähmet çekip çykarylan önümiň islegi ödeýiş häsiýetleri.

**Önümçilik kuwwaty** – esasy önümçilik we dolanyşyk, şeýle hem maliýe serişdeleriniň ýokary derejede, peýdaly ulanylyp çykarylýan önümiň mümkin bolan möçberi.

**Özara üzlüşilýän hasaplaşyk** – 1) nagt däl hasaplaşyklaryň haryt iberilende we hyzmat edilende kärhanalaryň arasyndaky özara talaplaryň biri-biriniň hasabyna üzlüşilmegi görnüşindäki usuly; 2) kärhananyň býujet bilen salgytlar boýunça hasaplaşyklaryň shemasy, şonda kärhana meýilnamalaşdyrylan döwlet subsidiýalaryny almazlyk şerti bilen, şol möçberde salgytlaryň bir böleginden boşadylýar.

**P**

**Paýdarlar jemgyýeti** – kärhananyň kooperatiw birleşmeleriň guramaçylyk görnüşi we şol bir wagtyň özünde hem paýdarlaryň eýeçiligini ýerleşdirmegiň bir görnüşi. Bu kärhanalaryň önümçilik serişdeleri pula öwrülip, gymmatly kagyzlara (paýnamalara) bölünýär. Paýdarlaryň umumy ýygnagy paýdarlar jemgyýetiniň ýokary edarasydyr. Jemgyýetiň esaslyk maýasynyň möçberi we onuň işiniň beýleki möhüm häsiýetnamalary paýdarlar jemgyýetiniň tertipnamasy (ustawy) tarapyndan kesgitlenýär. Paýdarlar jemgyýetini döretmegiň we onuň işiniň tertibi „Paýdarlar jemgyýetleri hakynda“ Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kesgitlenýär. Ol kanun 1999-nji ýylyň 23-nji noýabrynda kabul edildi.

**Paýnamalar** – bu paýdarlar jemgyýetiniň maýasyna goýlan pul serişdelerini tassyklaýan we onuň girdejisiniň bir bölegini diwidend görnüşinde almagy kepillendirýän gymmatly kagyz. Paýnamanyň real satyn alynýan bahasy (bazar bahasy) – munuň özi paýnamanyň kurs gymmatydyr. Paýnamanyň dürli görnüşleri bar. Olar adaty we artykmaçlyklardan peýdalanylan paýnamalardyr.

**Paýnamalaryň gözegçilik bukjasy** – paýnamalaryň umumy gymmatynyň (mukdarynyň) belli bölegini aňladyp, paýdarlar jemgyýetiniň ähli işlerine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Bu bellenen bölek ähli paýnamalaryň umumy gymmatynyň ýarysyndan gowrak möçberde kesgitlenýär, iş ýüzünde bu bölek kiçiräk hem bolup biler.

**Peýda** – bazar ykdysadyýetinde peýda kärhananyň ykdysady ösüşiniň esasyny düzýär. Peýda kärhananyň maliýe işiniň ahyrky netijesi bolup kärhananyň jemi alan girdejisi bilen jemi edilen çykdajylaryň aratapawudy boýunça kesgitlenýär. Peýda döwlet býujetini, kärhananyň dürli-dürli gaznalaryny we onuň işgärleriniň hususy girdejilerini emele getirýän çeşmeleriniň biri bolup durýar. Kärhanada (harytlary, hyzmatlary) ýerlemekden, gaýry dürli görnüşli hojalyk işleriniň netijesinde gazanylan peýda (emlägi kärendesine bermek, gymmatly kagyzlardan we ş.m.) balans we arassa peýda bölünýär.

**Potrat** – bir tarapyň, başga tarapyň tabşyrmagy boýunça, belli bir işi töwekgelçiligi öz üstüne alyp, ýerine ýetirmeli borçlaryny aňladýan şertnama.

**Paýdar** – paýdarlar jemgyýetiniň agzasy, oňa paýnamalaryň birini ýa-da birnäçesini satyn almak ýoly bilen giren. Paýdar kanunçylyk esasynda hukuklaryň we borçlaryň birnäçesine eýedir. Onuň hukuklaryna şu aşakdakylar degişlidir: umumy ýygnaklara gatnaşmak, paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysyny saýlamak we oňa saýlanmak hukugy, paý üçin her ýyl tölenilýän diwidend görnüşinde jemgyýetiň

girdejisiniň bir bölegini almaga bolan hukuk. Paýdar jemgyýetiň borçnamalary boýunça paýnamalaryň gymmatyna görkezilen puluň özüne düşýän paýy möçberinde jogap berýär.

**Paç tölemän geçirmek** – daşary ýurt döwletlerinden getirilýän harytlara gümrükhana tölegleri salynmazdan gümrük serhedinden döwlete göýbermek. Ösen döwletlerde gümrük tarifleri esasan çig mal harytlarynyň paç tölemän getirmegini göz öňünde tutýar. Bu bolsa şol döwletleriň ösýän döwletler bazarynda çig maly iberijileriň tutýan ornuny berkitmek baradaky söwda syýasatyny beýan edýär.

**Proteksionizm** – döwletiň ýurda getirilýän harytlar üçin ýokary tölegleri girizmek, aýry-aýry harytlaryň getirilişini çäklendirmek ýa-da doly gadagan etmek ýoly bilen, şeýle hem beýleki birnäçe çäreleriň kömegi bilen milli hojalygy daşary ýurt bäsleşiklerden goramagy maksat edilýän ykdysady syýasaty.

**Potratlaýyn iş haky** – bu öndürilen önümiň mukdaryna, hiline görä tölenýän zähmet hakdyr. Potratlaýyn iş hakyny tölemek ýönekeý potratçylyk, potratçylyk-progressiw, potratçylyk baýrak bermek we beýleki görnüşlerde çykyş edýär. Potratlaýyn iş hakyny tölemek ýekebara we toparlaýyn bolýar.

**Pul** – aýratyn haryt bolup, ol beýleki harytlaryň ähliumumy ekwiwalenti hökmünde ulanylýar. Şeýlelikde ol beýleki hemme harytlaryň gymmatyny ölçeýär. Puluň jemgyýetçilik ähmiýeti, haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda harydyň hereketiniň aralykçysy bolmak bilen, hususy maýanyň aýlanmagyna kömek edýär. Pul gymmat ölçeýiş, dolanyşyk, töleg, hazyna döretmek we toplamak wezipelerini ýerine ýetirýär.

**Puluň mukdary** – bu döwlet möçberinde aýlanýan puluň jemidir, ýagny puluň mukdarynyň (massasynyň), pul dolanyşygynyň tizliginiň hakyky milli önüme we bahalaryň derejesine bolan deňligi bilen kesgitlenýär.

**Pul agregatlary** – (M0, M1, M2, M3 we ş.m.-ler) bu Merkezi bankyň pul mukdaryny (massasyny) likwidlilik derejesi boýunça sazlamagy we oňa gözegçilik etmegidir.

**Pul dolanyşygynyň kanuny** – dolanyşykda zerur bolan pul möçberini kesgitleýän kanun bolup, ol harytlaryň bahasynyň jeminiň pul birliginiň aýlanyşygynyň sanyna bölünmedigine deňdir.

**Pul toplumynyň düýbi** – dolanyşykdaky nagt pullaryň, täjirçilik banklarynyň Merkezi bankdaky ätiýaçlyk gorlarynyň we artdyrylan ätiýaçlyklarynyň jemi, Türkmenistanyň Merkezi bankynda täjirçilik banklaryň goýumlary hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müşderileriniň goýumlary.

**Puluň aýlanyş tizligi (pul dolanyşygynyň tizligi)** – jemi içerki önümiň mukdarynyň bölünmegidir, nagt pullaryň bank depozitlerine (M2) bolan gatnaşygydyr. Ýylyň dowamynda pul birliginiň dolanyşyk we töleg serişdesi hökmünde doly aýlanyşygynyň sany.

**Pul birligi** – ähli harytlaryň nyrhlaryny bellemek we olary aňlatmak üçin hyzmat edýän kanunçylyk tertibinde bellenen pul nyşany.

**Pul reformasy** – pul dolanyşygynyň bozulmalary bilen baglylykda we milli puly pugtalandyrmak, pul birligini durnuklaşdyrmak maksady bilen ýurduň pul ulgamynyň döwlet tarapyndan çuňňur özgerdilmegi.

**Pul ulgamy** – ýurtda kanunçylyk tertibinde bellenen pul nyşanlary, pul birlikleri, puluň emissiýasynyň düzgünleri we aýlanyş formalary, pul gatnaşyklary.

**Pul-karz syýasaty** – pul dolanyşygy we karz babatynda ykdysadyýetiň durnukly, netijeli işlemeginiň üpjün edilmegine, pul ulgamyny bolmalysy ýaly ýagdaýda saklanmagyna gönükdirilip, ýurduň hökümeti tarapyndan ýöredilýän ugur we amala aşyrylýan çäreler.

**Pul serişdeleri** – döwletiň, kärhanalaryň, ilatyň nagt we nagt däl görnüşlerde toplanan pullaryň hem-de ýeňillik bilen pula öwrülýän beýleki serişdeleri.

**R**

**Real iş haky** – bu işgäriň alýan zähmet hakyna satyn alyp biljek harytlarynyň we hyzmatlarynyň mukdaryny aňladýar. Bu iş hakynyň derejesi pul bilen tölenýän iş hakynyň möçberini, ondan edilýän tutumlaryň, salgytlaryň möçberine, halkyň sarp edýän harytlarynyň we peýdalanýan hyzmatlarynyň bahasynyň derejesine bagly bolup durýar. Bazar ykdysadyýetinde real iş hakynyň ululygyna bahalaryň üýtgemegi uly täsir edýär.

**Rewalwasiýa** – bu kanunçylyk esasynda walýutanyň kursunyň ýokary galmagyny aňladýar. Bu pul birliginiň altyn mazmunynyň artmagy ýa-da beýleki ýurtlaryň walýutalaryna gatnaşygy boýunça kesgitleýär.

**Reýting** – bu baha bermek, ýagny haýsy hem bolsa bir derejä degişli etmek. Maliýe we söwda edaralarynyň, kärhanalaryň ýagdaýyna seljerme geçirmek (dürli ugurlar boýunça hem-de olaryň karzy tölemäge ukyplylygyny häsiýetlendirýän karz reýtingi kesgitlenilýär). Döwletiň karz reýtingi munuň özi karzy gaýtaryp bermezlik gorkusynyň derejesine baglylykda kärhanalaryň karzy tölemäge ukyplylygyna baha bermekdir. Bu işi bank edaralary, guramalar kärhananyň işi hakyndaky maglumatlaryň esasynda amala aşyrýarlar. Maýa goýumçylar üçin ugur görkeziji bolup hereket edýär.

**Renowasiýa** – bu esasy serişdeler fiziki we moral könelme esasynda önümçilikden çykandan soň, ol serişdeleriň doly dikeldilmegidir.

**Resminama** – maglumatlary özünde jemleýän we ýörite başga ýere ibermek üçin niýetlenen material obýekt; ol işewür hat bolup, haýsydyr bir wakany, anyk bir işe ýa-da tabşyrmaga berlen ygtyýarlylygy tassyklaýar.

**Rewersiýa** – karz berijä wagtlaýynça haýsydyr bir gymmatlyklary bergi borçnamasynda kepillik hökmünde, bergi borçnamasy üzülenden soň ony yzyna almak şerti bilen bermek, şeýle hem eýesine emlägi gaýdyp bermek.

**Roýalti** – kesgitlenen göterim derejeleri görnüşinde wagtal-wagtal goýberilen pullar, ol lisenziýa ylalaşygynyň hereket edýän wagtynda ylalaşylan wagt aralygynda kärhana-lisenziat arkaly tölenýär, lisenzion ylalaşygynda roýaltiniň derejesi göterimde, lisenziýa harydynyň arassa satuwynyň bahasyna baglylykda onuň özüne düşýän gymmatyna, jemi peýdasyna baglylykda ýa-da öndürilen önüm birliginiň hasabyna baglylykda kesgitlenýär.

**S**

**Sindikat** – agalyk ediji birleşmäniň has ýokary basgançagydyr. Sindikatyň düzmindäki kärhanalar önümçiligi özbaşdak alyp barýarlar, emma söwda

özbaşdaklygyny elden giderýärler. Sindikata gatnaşýanlar önümlerini satmagy we çig mal satyn almagy özleri alyp barman, onuň üçin umumy söwda dolandyrşyny döredýärler.

**Sarp ediş bahasy** – satyn alyjynyň çykdajylaryny, şol sanda harydy satyn almak we ulanmak boýunça harajatlary hem öz içine alýar. Bu baha islegi kanagatlandyrmak üçin niýetlenen dürli önümleriň bäsdeşlik etmäge ukyplylyk derejesini kesgitlemegiň guraly bolup durýär. Sarp ediş bahasy: satyn alynýan önümiň bahasyny, ony gaplamak we saklamak, ulanylýan ýerine eltmek, oturtmak, sazlamak we beýleki çykdajylary öz içine alýar.

**Standart kadalaşdyryjy** – tehniki resminama; ol önümi goýbermekdäki taýýarlaýyş işlerini, önümi öndürmek we ulanmak üçin ölçeg kadalaryny, tertipleri we talaplary kesgitleýär.

**Söwda balansy** – wagtyň kesgitli döwrüniň içinde ýurtdan çykarylýan hem-de ýurda getirilýän harytlaryň gymmatynyň gatnaşygy. Söwda balansy çykarylan harytlaryň gymmaty getirilen harytlaryň gymmatyndan artyk bolanda aktiwdir, bu ýagdaý tersine bolan ýagdaýynda bolsa passiwdir. Daşyna çykarylan we daşyndan getirilen harytlaryň gymmatlary gabat gelen ýagdaýynda sap agram (netto) balans emele gelýär. Passiw söwda balansy bar bolan ýurt töleg balansynyň beýleki maddalary boýunça alynýan serişdeleri harçlamak ýoly bilen ýetmezçiligiň üstüni ýapmalydyr. Söwda balansynyň ýagdaýy ep-esli derejede şol ýurduň ykdysady ýagdaýyny kesgitleýär.

**Söwdanyň aç-açanlygy** – munuň esasy manysy daşary söwda babatynda döwletara sazlaşygyny gazanmaga synanyşyk etmekden ybaratdyr. Onuň esasy düzgünleri Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň agzalary bolup durýan ýurtlar bilen söwda hakyndaky jarnamada görkezilendir. Jarnama laýyklykda olar daşary söwdanyň meseleleri boýunça özara maslahatlary geçirmäge, gatnaşýan ýurtlaryň döwletiň içine gelýän harytlaryny çäklendirmek barada proteksionistik çärelere we daşyna gitýän harytlary emeli usullar höweslendirmäge ýüz urmazlyga we beýlekilere borçludyrlar.

**Saldo** – wagtyň kesgitli döwri içinde pul girdejileriniň we çykdajylarynyň arasyndaky tapawut; buhgalteriýada debet we kredit boýunça jemleýji bahalaryň tapawydy; halkara söwda we töleg hasaplaşyklarynda – ýurduň daşyna äkidilýän we içine getirilýän gymmatynyň arasyndaky tapawut (söwda balansy, saldosy) ýa-da onuň daşary ýurt tölegleriniň we girdejileriniň arasyndaky tapawut (töleg balansy, saldosy).

**Söwdalar** – (tenderler boýunça söwda etmek). Öňünden yglan edilen şertler boýunça potrat ýa-da üpjün etmek üçin geleşikler baglaşmagyň tertibi. Söwdanyň bu görnüşi ösen ýurtlarda ýaýrandyr. Iň arzan baha we beýleki has peýdaly şertler üpjünçiligi, potraty ýerine ýetrijini saýlap almagyň ölçegidir.

**Salgyt** – döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan bellenilýän hem-de edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň döwlet býujetine gelip gowuşýan hokmany hususy muzdsyz tölegdir. Salgyt aşakdaky alamatlaryň bolmagy bilen kesgitlenýär: salgyt tölegjiniň topary, salgyt salylýan binýat, salgyt özeni, salgyt möçberi (möçberleri), salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi.

**Salgyt hukuk gatnaşyklary** – bu Türkmenistanyň salgyt kanunynçylygyny berjaý etmegiň barşynda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylarynyň arasynda ýüze çykýan hukuklaryň we (ýa-da) borçlaryň jemini öz içine alýar. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna salgyt töleýji, salgyt töleýjiniň salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagyna wekilçilik edýän beýleki taraplar, şeýle hem „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň bitewi kanunynda görkezilen ygtyýarly edaralar gatnaşýanlar bolup durýar.

**Salgyt ýumuşçysy – „**Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň bitewi kanunyna laýyklykda salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň döwlet buýjetine geçirmek boýunça borçlar ýüklenýän taraplara aýdylýar. Salgyt ýumuşçysy degişli salgydy dogry hasaplamaga, ony salgyt töleýjiden tutup almaga we öz wagtynda döwlet býujetine geçirmäge, döwlet býujetine hasaplanan, tutup alnan we geçirilen salgytlaryň hasabyny ýöretmäge, salgyt töleýjiniň bergisiniň möçberi barada salgyt gullugyna ýazmaça habar bermäge, salgydyň hasaplanyşynyň, tutulyp alnyşynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilişiniň dogrulygyna gözegçilik etmek üçin zerur bolan resminamalary salgyt gullugyna bermäge borçludyr.

**Salgyt mehanizmi** – bu salgyt salnyşyny dolandyrmak boýunça ulanylýan guramaçylyk-hukuk kadalaryň we usullaryň jemidir. Döwlet salgyt kanunçylygynyň üsti bilen öz salgyt mehanizmine hukuk görnüşini berýär. Salgyt mehanizmi salgydyň ugurlary bilen kesgitenilýär, salgyt bolsa ilatyň haýsy hem bolsa bir tarapynyň bähbitlerini goraýar.

**Salgyt ulgamy** – bu döwletiň içinde ýygnalýan salgytlaryň jemidir, şeýle-de olaryň gurluşynyň görnüşleri we usullarydyr. Her bir döwletiň salgyt ulgamy şu aşakdaky meseleleri çözýär: 1 – döwletiň çykdajylarynyň uly bölegini maliýe serişdeleri bilen üpjün edýär; 2 – önümçiligiň barşyny hem-de durmuş gatnaşyklar ulgamyny kadalaşdyrýar; 3 – ilatyň ähli gatlaklarynyň durmuşa ukyplylygyny üpjün edýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamy göni we gytaklaýyn salgytlary öz içine alýar. Gytaklaýyn salgytlar – goşulan baha üçin salynýan salgyt, goşmaça tölegler, gümrük pajy. Göni salgytlar – edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, emläge salynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy we beýlekiler.

**Salgyt syýasaty** – bu salgytlar boýunça döwletiň geçirýän çäreleriniň jemidir. Salgyt syýasaty bu döwletiň geçirýän maliýe syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Salgyt syýasaty şu aşakdaky meseleleri ýagny, üznüksiz önümçiligi ösdürmäge, ykdysadyýetiň ösüşine işjeň täsir etmäge, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna gönükdirilendir. Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan döwletiniň häzirki salgyt syýasaty telekeçiligiň we önümçiligiň ösmegine, şeýle-de ilaty durmuş taýdan giňişleýin goramaga gönükdirilendir. Salgyt syýasatynyň üsti bilen ilatyň durmuş taýdan goragy üpjün edilýär. Salgyt salynmakdan töleýjileriň uly topary boşadylýar.

**Salgyt hukugy** – bu salgytlaryň görnüşlerini, olaryň ýygnalyşyny kesgitleýän hem-de salgyt borçnamalarynyň emele gelmegi, ütgemegi we bes edilmegi bilen bagly gatnaşyklary sazlaşdyrýan kada-kanunlaryň jemidir. Salgyt gatnaşyklary diňe

kanun taýdan tassyklanan ýa-da başgaça aýdylanda, hukuk gatnaşyklary görnüşinde hereket edip bilýärler.

**Salgyt beýannamasy (deklarasiýasy)** – bu geçen döwürde (çärekde, ýarym ýylda, bir ýylda) alnan girdejiler we olara degişli salgyt ýeňillikleri hakynda salgyt töleýjiniň resmi arzasydyr. Salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan berilýän we salgydy hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan salgyt hasabatynyň bir görnüşi bolup durýar. Salgyt beýannamasynyň görnüşi, ony bermegiň we doldurmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan işlenip taýýarlanylýar we tassyklanylýar. Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär we oňa salgyt töleýji tarapyndan ýa-da ygtyýarly wekil tarapyndan gol çekilmelidir.

**Sertifikat** – haýsy hem bolsa bir fakty (hakykaty) tassyklaýan şahadatnama, özini ýa-da emlägini ätiýaçlandyryş we onuň şertleri baradaky resminama, ýörite döwlet obligasiýalarynyň (zaýomlarynyň) ady, daşary söwdada harytlaryň ýany bilen iberilýän we şol harytlaryň hili, görnüşi (assortimenti), bahasy we ş.m.-ler baradaky resminama. Ol ygtyýarly guramalar tarapyndan berilýär.

**SIF / CIF** – bu harydy satmagyň şerti. Bu şerte laýyklykda, harydyň bahasyna onuň gymmaty we harydy ätiýaçlandyrmak hem-de bellenilen ýerine çenli eltmek boýunça çykdajylar goşulýar. SIF şertlerinde satylan mahalyndan satyjy harydy ugradylýan porta öz hasabyna eltmäge, gämini kireýine tutmaga, harydy gäminiň portunda ýerleşdirmäge, harydy çykarmak bilen baglanyşykly ähli ýygymlary we salgytlary tölemäge we ätyýaçlandyrmaga borçludyr.

**Subwensiýa** – merkezi guramalaryň ýerli guramalara ýa-da hojalygyň aýry-aýry pudaklaryna belli bir maksatlar üçin berilýän döwlet maliýe kömeginiň görnüşi. Goýberilen pul serişdeleri şol maksatlar üçin ulanylmaga ýa-da yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

**Swop** – bu soňundan satmak şerti bilen wagtlaýynça harydy, daşary ýurt puluny we gymmatly kagyzy satyn almak, şeýle hem, gymmatly kagyzlar boýunça şol bir wagtyň içinde alyş-çalyş amaly we milli puluň daşary ýurt puluna wagtlaýynça çalyşmak amaly. Şol bir möhlete iki görnüşli walýutanyň göterim derejesiniň aratapawudy.

**SDR / CDR (karz almagyň ýörite hukuklary)** – Halkara Pul Gaznasy (HPG) tarapyndan çykarylýan halkara tölegler we ätiýaçlyk serişdeleri. Nagt däl halkara hasaplaşyklar üçin peýdalanylýar. HPG-nyň hasaplaşyk birligi hökmünde ol ýörite hasaplarda ýazgy etmek arkaly amala aşyrylýar. SDR töleg balansyny kadalaşdyrmakda dünýä pullarynyň wezipesini ýerine ýetirýär, milli pullaryň bahasyny ölçemek, ätiýaçlykdaky resmi daşary ýurt pulunyň üstüni dolmak wezipesini ýerine ýetirýär, ýöne özüniň bahasy we hakyky üpjünçiligi bolmaýar.

**Sekwester** – iki tarapyň arasynda emläge bolan hukuk baradaky dawa çözülýänçä, şol emlägiň üçünji bir tarapa – raýata ýa-da edara görnüşli tarapa saklamaga berilmegi. Sekwester öwezini dolmak we yzyna gaýtarmazlyk şertlerinde bolýar, ylalaşyk esasynda we kazyýetiň üsti bilen amala aşyrylýar. Sekwesteriň esasy gozgalýan emläk bolup durýar.

**Spot** – daşary ýurt puluna ýa-da hakyky haryda bolan geleşigiň bir görnüşi, şol sanda, tiz wagtda tölegiň geçirilmegini we üpjün edilmegi göz öňünde tutýan birža

söwdasy. Spot şertlerinde daşary ýurt puly boýunça geleşik geçirilende onuň üpjün edilmegi 1 (bir) günüň dowamynda amala aşyrylýar.

**Spred** – bu satyjynyň we satyn alyjynyň bahalarynyň arasyndaky aratapawut; gymmatly kagyzlar çykarylanda – hödürlenýän bahanyň (maýa goýumçy tarapyndan tölenen baha) we emitentiň alan bahasynyň arasyndaky tapawut.

**Stagnasiýa** – ykdysadyýetde durgunluk, hereketsizlik bolup, senagatda we oba hojalygynda, söwda dolanşygynda ösüşiň bolmazlygy.

**Satuw nyrhy** – önümiň fabrik nyrhyndan, ýagny önümçiligiň, öndürijiniň nyrhyndan hem-de ony ýerlemek boýunça çykdajylardan we aýlanyşyk işine gatnaşyjylaryň peýdasyndan emele gelýän nyrhy.

**Satyn alyş nyrhy** – döwlet hajatlary üçin, oba hojalyk önümçiligini goldamak üçin döwletiň oba hojalyk önümlerini we harytlaryň gaýry görnüşlerini satyn alýan mahalynda ulanýan nyrhlary.

**Senagatyň lomaý nyrhy** – kärhananyň ýa-da ýerleşdiriş guramasynyň senagat önümini söwda edýän döwlet ýa-da kooperatiw guramalara ýerleşdirilende ulanylýan nyrh (goşulan gymmat üçin salgydy goşmak bilen).

**T**

**Töleg balansy** – bu daşary ykdysady, söwda we maliýe amallary barada belli bir döwür (bir ýyl) üçin hasabatdyr. Ol gündelik balansyň amallaryndan we maýanyň (kapitalyň) hereketiniň balansyndan durýar. Başgaça aýdylanda, kesgitli döwür içinde daşary döwletden şol döwlete gelip gowuşan tölegleriň şol döwlet tarapyndan beýleki ýurtlara tölenen töleglere bolan gatnaşygy. Beýleki döwletleriň tölegleriniň artmagy döwletiň töleg balansyny aktiw edýär, şol döwletiň özüniň tölegleriniň artmagy bolsa, töleg balansyny passiw edýär. Töleg balansyna daşary ýurt söwda amallary boýunça tölegler, edilen hyzmatlar üçin tölegler, daşary döwletlere maýa ýerleşdirmekden girdejiler (göterimler, diwidendler) almak bilen baglanyşykly tölegler we beýlekiler girýär. Töleg balansy döwletiň daşary ykdysady ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

**Täjirçilik kagyzlary** – bu kärhananyň, korporasiýanyň bergidarlyk borjy hakyndaky dil haty bolup, pul serişdelerini belli bir göterimler bilen berjekdigi baradaky borçnamasy.

**Töleg walýutasy** - daşary söwda geleşiginde haryt üçin hasaplaşyk walýutasy. Eksport ediji bilen import edijiniň arasynda ylalaşylan islendik walýuta töleg walýutasy bolup biler; ol geleşigiň nyrhynyň walýutasy bilen gabat gelip ýa-da gelmän biler. Tölegiň walýutasynyň nyrh walýutasyna garanyňda başga walýutada bellenilmegi walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmagyň görnüşleriniň biri bolup durýar. Nyrh walýutasyny öwrüp hasaplamak ýa-da tölemek möhleti gelen mahalynda hereket edýän kurs boýunça amala aşyrylyp bilner. Şonuň bilen birlikde şertnamada belli bir pul bazarynyň (import edijiniň ýurdunyň ýa-da üçünji ýurduň) kursuny ulanmak göz öňünde tutulýar.

**Telekeçilik (hususy işiň başyny tutmak)** – munuň özi raýatlaryň peýda ýa-da girdeji almaga gönükdirilen, öz adyndan hem-de töwekgelçilik edip emläk jogapkärçiligini öz üstüne alyp ýa-da edara görnüşli tarapyň – kärhananyň adyndan hem-de emläk jogapkärçiligini onuň öz üstüne alyp amala aşyrýan höwesjeň,

özbaşdak işidir, hususy kärhanaçylyk işidir. Telekeçi Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly gadagan edilmedik işiň islendik görnüşini amala aşyryp biler.

**Trest** – özündäki kärhanalaryň hemmesine bilelikde eýeçilik edilýän monopoliýadyr. Trestde aýry-aýry kärhanalar söwda we önümçilik özbaşdaklygyny doly suratda ýitirýärler. Olaryň adyndan ähli işleri trest alyp barýar. Kärhanalaryň özalky eýeleri bolsa, özlerindäki paýnamalaryň mukdaryna göra peýda alýan paýçylara öwrülýärler.

**Türkmenistanyň daşary söwdasy** – bu Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen edýän söwdasy, munuň özi onuň zähmetiň halkara bölünişigine gatnaşygyny beýan edýär. Kanunçylyk esasyny emele getirýän we söwda-syýasy düzgüni kesgitleýän söwda şertnamalary hem-de ylalaşyklary Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny sazlaýan esasy resminamalardyr. Täze Galkynyş döwründe daşary söwdanyň ösmegi Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň ösýändigini görkezýär. Türkmenistan dostlukly hyzmatdaşlygyň çäklerinde integrasiýa prosesleriniň işjeň gatnaşyjysydyr. Häzirki döwürde 120-den hem köpräk döwletler bilen hemme taraplaýyn söwda aragatnaşyklary ýola goýlandyr.

**Tehniki-ykdysady görkeziji** – maglumatlar toparynyň has iri bölegi. Ol önümçilikde bolup geçýän hereketler esasynda emele gelen özgerişleri ýa-da ýagdaýy şekillendirýär ýa-da başga ykdysady hadysany suratlandyrýar, ýagny hemişe ykdysady many-mazmuna eýedir. Ol birmeňzeş obýektleriň toparyna degişli we olaryň ýagdaýyny ortaça belli döwür ýa-da sene boýunça suratlandyrýar, şu sebäpli hem ortaça baha eýe bolýar. Olar anyk resminamalarda bellige alynýar.

**Tranzit hasaby** – bank hasaby; eksport girdejiniň gelmegi (bu girdejiniň belli bir bölegi döwlete erkin konwertirlenýän pul görnüşinde milli pulunda kesgitli nyrhy boýunça satylandan soň) üçin bu hasap peýdalanylýar.

**U**

**Umumy zähmet bölünişigi** - muňa bütin jemgyýetçilik önümçiliginiň derejesinde emele gelýän şäher bilen obanyň, maddy we maddy däl önümçiligiň önümçilik serişdeleriniň arasyndaky zähmet bölünişikleri degişlidir.

**Umumy (jemi) içerki önüm** – bu maddy önümçilikde we hyzmatlar ulgamynda öndürilen önümiň gymmatlarynyň jemidir. Mundan başga-da, eger-de kärhana daşary ýurtlara degişli bolsa, onuň öndürýän önümi hem şol döwletiňki hasaplanýar.

**Umumy (jemi) milli önüm** – bu milli kärhanalaryň maddy we maddy däl sferasynda hemme öndüren önümleriniň jemidir. Kärhananyň nirede ýerleşýändigine garamazdan (öz ýurdunda ýa-da daşary ýurtda) onuň öndüren önümi doly hasaba alynýar.

**Umumy nyrh** – 1) dürli görnüşli, ölçegli, dürli düzüm böleklerinden, materiallardan ýa-da zatlardan durýan ähli satyn alnan harydyň nyrhy; 2) hemme çykdajylary öz içine alýan nyrh.

**W**

**Walýuta** – „walýuta“ diýen söz „dewizler“ (dewisa) diýen latyn sözünden emele gelip, göni terjime edilende „şaýlygyň ýüzündäki şekili“ aňladýar. Walýuta şol

ýurduň pul birligi (türkmen manady, ABŞ dollary, ýewro we ş.m.-ler) bolup, pul ulgamynyň aýratyn bölegidir. Durnukly walýuta – munuň özi hususy öz nominalyna, şeýle hem beýleki walýutalaryň kurslaryna gatnaşygy boýunça durnukly, altyn ýa-da gymmatlyklar bilen üpjün edilen walýutadyr. Hümmetsizlenýän walýuta – munuň özi hususy öz nominalyna we beýleki ýurtlaryň durnukly walýutalaryna gatnaşygynda hümmeti gaçýan walýutadyr. Konwertilenýän (öwrülip bilýän) walýuta – munuň özi başga walýuta päsgelçiliksiz çalşyp bolýan walýutadyr.

**Walýuta bazarlary –** bazar gatnaşyklarynda ykdysady gatnaşyklaryň daşary ýurt walýutasy (alyş-çalyş, satyn almak-satmak) we daşary ýurt walýutalaryndaky töleg resminamalary (çekler, akkreditiwler, wekseller we beýlekiler) bilen amallaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanşykly aýratyn ugur. Walýuta bazarlarynda daşary söwda, maýa goýum, syýahatçylyk bilen baglanyşykly halkara pul hasaplaşyklary geçirilýär. Walýuta bazarlarynyň görnüşleri: walýuta çäklendirmeleriniň ýok ýurtlarynda erkin walýuta bazary; çäklendirmeleriň bellenilen we walýuta amallarynyň dine ygtyýarly guramalaryň rugsat etmegi bilen resmi kurslar boýunça amala aşyrylýan erkin däl walýuta bazary. Walýuta bazarynda amallar aşakdaky görnüşlere bölünýärler: nagt amallar, onda daşary ýurt walýutasyny bermek we milli walýutada onuň ekwiwalentini tölemek haýal etmän geçirilýär; möhletli amallar, onda taraplaryň ylalaşmagy boýunça daşary ýurt walýutasyny bermek we ekwiwalenti tölemek şertleşilen mahalynda kesgitlenen kurs boýunça geçirilýär; geleşikleriň ikisini – nagt hasaplaşygy we möhletli hasaplaşygy birleşdirýän „swop“ amallary; arbitaž amallary, onda geleşigiň başyny başlaýyjy walýuta kurslarynyň we girdejiler alan mahalynda walýuta bazarynda kesgitli wagt üçin göterim derejeleriniň tapawudyny peýdalanýar.

**Walýuta karzlary –** bu pul görnüşinde berilýän halkara karzlaryň görnüşi. Walýuta karzy hemme ýurtlar tarapyndan biri-birine hasaplaşyk pul birliklerinde berilýär we importyň bahasyny tölemek üçin peýdalanylýar. Walýuta karzyny üzlüşmek bergidar ýurduň däp bolan eksport harytlary bilen amala aşyrylýar. Hemme ýurtlarda walýuta karzy milli, daşary ýurt walýutalarynda, şeýle hem halkara hasaplaşyk pul birliklerinde berilýär we harytlary satyn almak, töleg balansynyň passiw saldosyny ýapmak üçin peýdalanylýar.Walýuta karzlaryny harytlaryň eksporty / importy karzlaşdyrylan mahalynda ýa-da karz berýän ýurtlar tarapyndan desgalaryň gurluşygy mahalynda banklar berýärler.

**Walýuta dempingi –** haryt dempinginiň görnüşi. Milli walýutanyň hümmeti pese gaçan ýurtlarda harytlaryň arzanladylan (ortaça dünýä nyrhlaryndan pes) nyrhlar boýunça daşary ýurt walýutalaryň durnukly kursy bar bolan beýleki ýurtlara eksport edilmegi. Arzanlatmak has durnukly daşary ýurt walýutasyny hümmeti gaçan milli walýuta çalyşmakdaky aratapawudyň hasabyna gazanylýar (eksport baýragy).

**Weksel –** kanun tarapyndan berk bellenilen görnüşde karz alyjy (weksel beriji) tarapyndan karz berijä (weksel saklaýyja) berilýän ýazmaça bergi borçnamasy, ol karz berijä wekselde görkezilen puly belli bir möhlete çenli tölemegi karz alyjydan talap etmäge hukuk berýär. Ýönekeý weksel – bu karz alyjy tarapyndan karz berijiniň adyna berilýän borçnamadyr. Hasaplaşyk wekseli – munuň özi bir adamyň – karz berijiniň ikinji adama – karz alyja (töleýijä) kesgitli möçberde pul tölemek barada üçünji adama – talap edijä berýän ýazmaça buýrugydyr. Täjirçilik weksel – bu karz

alyjy tarapyndan girewine berilýän harytlaryň wekselidir. Bank wekseli – munuň özi şol ýurduň banklary tarapyndan öz daşary ýurt habarçylaryna (daşary ýurt banklaryna) berilýän hasaplaşygyň wekselidir. Hazyna wekselleri – munuň özi döwletiň öz harajatlaryny ýapmak üçin cykarýan wekselleridir.

**Walýuta ulgamy** – bu walýuta gatnaşyklaryň döwlet guramaçylyk, hukuk we sazlaýyş usullarynyň jemidir. Walýuta ulgamy milli kada-kanunçylyk, halkara kadalaşdyryjylary (normatiwleri), düzgünnamalar we halkara ylalaşyklar bilen berkidilendir. Walýuta ulgamynyň milli, dünýä, sebitara görnüşleri hereket edýär. Daşary halkara hasaplaşyklar boýunça ýurtda kabul edilen düzgün-tertibiň jemine milli walýuta ulgamy diýilýär.

**Walýuta kursy** – bu daşary ýurt walýutalara görä milli walýutanyň hümmetiniň kesgitenmegidir. Walýuta kurslary dürli halkara ykdysady gatnaşyklary bilen bagly bolup, ýerine ýetirilýän walýuta amallary boýunça kesgitlenilýär. Walýuta kursunyň kömegi bilen walýutalaryň biri-birine çalşylmagy amala aşyrylýar.

**Wençur firmasy** – bu ýöriteleşdirilen ylmy-tehniki täjirçilik kärhanasy bolup, önüm öndürmegi, täze önümi özleşdirmegi we täze önümi önümçilige girizmegi, täze tehnologiýany ulanmagy ýola goýýar we ol işleri amala aşyrmak üçin wençur (töwekgelçilikli) maýany (kapitaly) ulanmaýar.

**Wençur maýasy (kapitaly)** – bu maýa goýumlar üçin ulanylýan ýokary töwekgelçilikli pul serişdeleridir.

**Wagt hasaby boýunça tölenýän iş haky** – bu işlenen wagtyň möçberine we işgäriň hünärmenlik derejesine baglylykda tölenýän iş hakydyr. Bu iş hakyny tölemek ýönekeý wagt hasaby boýunça we baýrak bermek ulgamlary görnüşinde ulanylýar.

**Wiza** – wezipeli adamyň haýsydyr bir resminamanyň ýüzüne ýazýan, onuň bu resminamanyň mazmuny bilen ylalaşýandygyny aňladýan we resminama güýç berýän ýazgydyr.

**Walýuta proteksionizmi** – çäklendirilen çäreleriň toplumy bolup, belli bir ýurduň merkezi bankynyň milli puly goramak boýunça geçirýän çäreleridir, onuň maksady – daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş hümmetiniň hereketini, döwletiň ykdysady syýasatyna baglylykda ugrukdyrmagy üpjün etmekden ybaratdyr.

**Walýuta töwekgelçiligi** – walýuta hümmeti (kursy) boýunça zyýan çekmekligiň töwekgelçiligi, ol walýuta, karz we daşary söwda amallary ýerine ýetirilende walýuta hümmetiniň (kursunyň) üýtgemegi bilen baglanşyklydyr.

**Walýuta pariteti** – aýry-aýry ýurtlaryň pul birlikleriniň arasyndaky gatnaşygy; düzümindäki altynyň (kümüşiň) möçberi, soňra (gyzyl pula çalşyp bolmaýan kagyz pullaryň dolanyşygy şertlerinde) – kanun esasynda milli pulda kesgitlenen altynyň möçberi. Ikinji jahan urşundan soňky halkara walýuta gatnaşyklarynda Halkara Pul Gaznasynyň agza-ýurtlary öz milli pullarynyň paritetini gyzyl pulda ýa-da ABŞ-nyň dollarynda kesgitlemeli bolandyklary bilen tapawutlanyp, gaznanyň ygtyýarlary bolmasa, olary 10%-den ýokary üýtgetmek mümkinçilikleri bolmandyr. Walýuta hümmetiniň üýtgedilmegi walýuta paritetiniň diňe 1% möçberinde mümkin bolupdyr.

**Walýuta düzgünleşdirmesi** – walýutanyň aýlanyşygyny dolandyrmak, walýuta amallaryna gözegçilik etmek, milli puluň walýuta hümmetine täsir etmek,

daşary ýurt walýutasynyň peýdalanylyşyny çäklendirmek boýunça döwlet edaralarynyň işi.

**Walýuta hümmeti** – dürli ýurtlaryň iki sany pul birliginiň alyş-çalyş mynasybeti (gatnaşygy). Resmi walýuta hümmeti – döwletiň walýuta amallaryny amala aşyrýan hümmeti. Kassa walýuta hümmeti – täjirçilik banklarynyň walýutanyň aluw-satuwyny amala aşyrýan erkin hümmeti.

**Walýuta syýasaty** – walýuta, walýuta hümmetine, walýuta amallaryna täsir etmek arkaly ýurduň içersinde we daşarysynda döwletiň alyp barýan ugruny beýan edýän onuň ykdysady we daşary ykdysady syýasatlarynyň bir bölegi. Walýuta syýasatynyň esasy gurallary walýuta interwensiýasy, walýuta çäklendirmeleri, walýuta ätiýaçlyklary, walýuta subsdiýalaşdyrmasy, walýuta deňeçerlikleri bolup durýar. Ýurduň walýuta syýasaty onuň hökümeti, merkezi banky, merkezi maliýe edaralary tarapyndan ýöredilýär. Dünýä möçberinde walýuta syýasaty halkara walýuta-maliýe guramalary (Halkara Pul Gaznasy, halkara banklar) tarapyndan amala aşyrylýar.

## Y

**Ykdysady nazaryýet** – bu dürli önümçilik usullarynda maddy alyş-çalyş we sarp etmek bilen baglanyşyklylykda adamlaryň arasynda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary öwredýän hem-de jemgyýetiň ykdysady ösüşini dolandyrýan kanunlary aýdyňlaşdyrýan ylymdyr. Bu ylym önümçilik gatnaşyklaryny öndüriji güýçler bilen özara baglanyşykda, bitewilikde öwrenýär. Ykdysady nazaryýet önümçilik usulynyň ösüşiniň, onuň bir ýagdaýdan başga ýagdaýa geçişiniň kanunalaýyklygyny ylmy taýdan derňeýän ylymdyr.

**Ykdysady kanunlar** – bu önümçilik gatnaşyklaryndaky umumylaşan, mydama gaýtalanyp durýan has düýpli, durnukly içerki sebäp-netije baglanşyklary aňladýar. Olar obýektiw kanunlardyr. Adam ykdysady kanunlary öz islegine we meýline görä döredip, üýtgedip ýa-da ýatyryp bilmeýär. Şeýlelikde, olar adamlaryň aňyna we erk-islegine bagly bolmazdan hereket edýärler. Başgaça aýdylanda, islegine, meýline bagly bolmadyk hadysalaryň özara gatnaşyklaryny aňladýar.

**Ykdysady ösüş** – jemgyýetçilik önüminiň we ony öndürmekligiň ýagdaýlarynyň mukdar taýdan köpelmegine we hil taýdan kämilleşmegine düşünilýär.

**Ykdysady derejeler (kategoriýalar)** – bu jemgyýetde bar bolan önümçilik ykdysady gatnaşyklaryň belli bir tarapyny öwredýän ugurlarydyr. Olar jemgyýetiň ösüş kanunlaryna düşünmäge, ykdysady hadysalary umumylaşdyrmaga we netije çykarmaga ýardam edýärler. Bu derejelere (kategoriýalara) jemgyýetçilik zähmet bölünişigi, haryt, gymmat, pul, maýa, goşmaça önüm, milli girdeji, iş haky, baha, maliýe we başgalar girýärler.

**Ykdysady parametrler** – çig malyň we materialyň harçlanylyşy, enjamlaryň iş bilen üpjünçiligi, önümiň göýberilişi we başgalar. Olar hemişe ýa-da belli bir döwürlerde üýtgeýärler we hasaba almagy, gözegçiligi geçirmegi talap edýärler.

**Ykdysady usullar** – bu bazar gatnaşyklarynyň talaplaryny ykdysady ölçegler, gymmatlyklar, serişdeler arkaly dolandyryşda ulanmak.

## Ý

**Ýewrowalýuta** – walýutany emissiýa eden Ýewropa ýurtlarynyň çäklerinden daşardaky Ýewropa döwletleriniň banklaryndaky hasaplarda saklanmaga berlen walýuta serişdeleri. Ýewrowalýutanyň köp bölegini ýewrodollar düzýär.

**Ýewrodollarlar** – ABŞ-nyň çäklerinden daşarda, esasan hem Ýewropa banklarynda ýerleşdirilen we ol banklar tarapyndan karz amallary üçin peýdalanylýan ABŞ dollaryndaky pul serişdeleri.

**Ýewropa Ykdysady Bileleşigi** – Ýewropa döwletleriniň ösen topary diýlip hasaplanylýardy. Ýewropa Ykdysady Birleşigi 1957-nji ýylyň martynda döredildi. Onuň düzümine ilki bilen Italiýa, Germaniýa, Belgiýa, Fransiýa we Gollandiýa ýaly ýurtlar girdi. Ýewropa Ykdysady Bileleşiginiň esasy maksady bu bileleşige girýän döwletleriň milli walýutalarynyň kurslarynyň durnuklylygyna ýardam etmekden ybarat bolupdy.

**Ýewropa özgerdiş we ösüş banky** – bu banky döretmek baradaky ylalaşyk 1990-njy ýylyň 29-njy maýynda kabul edildi. Bu halkara banky döredijiler bolup hemme Ýewropa döwletleri (Albaniýadan başga) çykyş etdiler. Ýewropada öňki sosialistik ýurtlaryň açyk bazara geçmeklerine ýardam etmek hem-de hususy we telekeçilik başlangyçlary goldamak bu bankyň esasy meseleleri bolup durýar.

**Ýewro bazar** – bu ýewrowalýutanyň bazary bolup, halkara bazarynda karz maýasynyň ýewrowalýutada amala aşyrylmagy. Bu bazar Ýewropada 1950-nji ýylyň ahyrynda döredildi. Ýewro bazarda karz beriji bolup hususy täjirçilik banklary çykyş edýär. Karz alyjylar bolup döwlet, uly korporasiýalar çykyş edýär. Karz amallary gysga möhletli karz görnüşinde amala aşyrylýar (18 aýa çenli).

**Ýewrowalýuta bazary** – karz maýanyň halkara bazarynyň bir görnüşi; ol milli pul bazaryndan aýrybaşga gurnalan uniwersal halkara bazary bolup, karz we walýuta amallarynyň ýewrowalýuta bazarynda karz maýasynyň milli bazaryndaky düzgünler we çäklendirmeler ulanylmaýar. Ýewrowalýutalar döwlet serhedinden geçende olar milli pula geçmegi hökmany bolmadyk şertlerinde we walýuta gözegçiligi baradaky milli düzgünler degişli bolmadyk şertlerinde geçýär. Ýewrowalýuta bazaryndaky goýum we karz amallary, hasabyň haýsy ýurduň bankynda açylandygyna garamazdan, pul serişdelerini bir puldan başga pula çalşyp, geçirimleri amala aşyrmaklyga mümkinçilik berýär. Ýewrowalýuta bazarynda geçirilýän bu amallar, milli puldaky karzlaşdyrma bilen deňeşdirilende has girdejili bolýar.

**Ýewrodepozitleriň bazary** – ýewro bazaryň bir görnüşi bolup, bu ýerde ýewrowalýuta bazarynyň dolanyşygyndaky pul serişdeleriniň hasabyna goýumlar boýunça amallar geçirilýär. Has giňden ýaýran ýewro goýumlaryň görnüşlerine möhletli we möhletsiz pul goýumlary, saklanylmaga berlen paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmatly kagyzlar, gümrük töleglerini tölemek üçin gümrük edaralarynyň hasabyna geçirilmeli pul möçberi degişlidir.

**Ýewrokarzlaryň bazary** – ýewrowalýutada halkara karzlaryň bazary, olar iri täjirçilik banklary tarapyndan karz alyjylara (esasan hem iri milli monopoliýalara) ýewrowalýuta bazarynyň serişdeleriniň hasabyna berilýär. Ýewrokarzlaryň möçberi karz alyjynyň maliýe abraýyna bagly bolup, 20-30 mln.-dan 1-2 mlrd. ABŞ dollary aralygynda üýtgäp durýar.

**Ýönekeý haryt önümçiligi** – bu önümçilik haryt öndürijileriň zähmetine esaslanýar. Olaryň peýdalanýan zähmet gurallary gowşak bolýar. Bu önümçilik ykdysadyýetiň ösüşini doly öz içine almaýar. Bu önümçilik jemgyýetçilik zähmet bölünişigine esaslanýar, önümleri satmak üçin öndürýär, öndürijiler bolsa ykdysady taýdan erkindirler. Bu önümçiligiň esasy wekilleri daýhanlar we senetçilerdir.

**Ýekeleýin zähmet bölünişigi** - muňa aýry-aýry kärhanalaryň çäginde sehleriň, brigadalaryň we fermalaryň, şeýle hem işgärleriň arasyndaky zähmet bölünişigi degişlidir.

**Ýekebara kärhana** – bir şahsy tarapa degişli bolan kärhana. Ýekebara kärhana emlägiň eýesiniň çözgüdi boýunça döredilýär. Bu kärhananyň esaslandyryş namasy eýe tarapyndan tassyklanylýan onuň tertipnamasydyr (ustawydyr). Kärhana beýleki bir eýä degişli kärhanany şahsy tarapyň edinmegi netijesinde döredilip bilner. Ýekebara kärhananyň emlägi şahsy tarapyň emläginden, girdejisinden we beýleki kanuny çeşmelerden emele gelýär. Ýekebara kärhananyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 25 essesinden ybarat bolmalydyr. Ýekebara kärhanany dolandyrmak onuň eýesi tarapyndan amala aşyrylýar.

**Ýurduň ykdysady kuwwaty** - maksimal jemi milli önümi öndürmek üçin ýurduň gorlarynyň doly ulanylmagy. Ykdysady kuwwatyň düzümine tebigy kuwwaty, önümçilik, zähmet, ylmy-tehniki, eksport kuwwaty girýär.

**Ýerleşdiriş nyrhy** – 1) opsionyň satyn alyjysynyň (eýesiniň) opsionyň satuwy mahalynda gymmatly kagyzlary satyn alyp (ýa-da satyp) biljek hümmeti. 2) harydyň satyn alynýan ýa-da satylýan nyrhy.

## Z

**Zähmet** – munuň özi adamyň maksadalaýyk işidir, başgaça aýdylanda, zähmet işçi güýjüniň sarp edilmesidir. Zähmet prosesinde adam özüniň işi arkaly tebigatyň zatlaryny üýtgedýär we olary öz islegini kanagatlandyrmak üçin uýgunlaşdyrýar. Zähmet bolan ukyplylyk, zähmet çekmek diňe adama mahsusdyr.

**Zähmet hadysasy** – bu maddy nygmatlary öndürmek üçin adamlaryň zähmet çekmegidir. Başgaça aýdylanda, zähmet prosesiniň durmuşyň şerti hökmünde ýola goýulmagydyr. Zähmet prosesi ozaly bilen adamlaryň we tebigatyň arasyndaky özara baglanşygy aňladýar. Adamlar tebigatyň zatlaryna täsir etmek bilen, öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur önümleri öndürýärler. Zähmet prosesi islendik jemgyýetde zähmetiň özüni, zähmet predmetlerini we zähmet serişdelerini öz içine alýar.

**Zähmet öndürijiligi** – bu belli bir wagtyň içinde öndürilen önümleriň mukdary ýa-da bir önümi öndürmek üçin harç edilen wagtyň mukdary bilen ölçenilýär. Zähmet öndürijiliginiň artmagy iş wagtynyň tygşytlanmagyna getirýär, bu bolsa jemgyýetiň ilkinji ykdysady kanunydyr. Bazar ykdysadyýetinde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy jemgyýetiň ösüşiniň möhüm şertidir. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy jemgyýetiň maddy we ruhy baýlyklarynyň artmagyny üpjün edýär. Zähmet öndürijiligi öndürilen önümiň mukdarynyň ony öndürmek üçin sarp edilen janly zähmetiň jemine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

**Zähmet biržasy** – bu işçi güýjüniň bazary bolup, işgärler bilen iş berijileriň arasynda araçylyk wezipesini ýerine ýetirýän edaradyr. Türkmenistanda zähmet biržalary 1997-nji ýylda her bir welaýatda we Aşgabat şäherinde döredildi.

**Zähmet haky** – bu dürli kärlerde işleýän işgärleriň zähmet hyzmatlarynyň bahasydyr. Bazar ykdysadyýeti nukdaý nazaryndan zähmet haky nominal we real görnüşlerde bolýar.

**Zähmet şertnamasy (kontrakt)** – telekeçi (iş beriji) bilen işe girýän raýatyň arasyndaky ylalaşyk. Bu ylalaşykda taraplaryň borçlary, hukuklary, zähmet haky, iş wagty, iş ýeri we başgalar şertleşilýär.